TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– DAÝHANLARYMYZYŇ ÇEKÝÄN YHLASLY, TUTANÝERLI ZÄHMETI NETIJESINDE SAHAWATLY TÜRKMEN TOPRAGYNDA OBA HOJALYK EKINLERINIŇ BOL HASYLY ÖSDÜRILIP ÝETIŞDIRILÝÄR, AZYK HOWPSUZLYGY ÜPJÜN EDILÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
18-nji oktýabr, 2024. Belgisi 42/1608



# OBA HOJALYGYNDA JOGAPKÄRLI MÖWSÜM DOWAM EDÝÄR

***14-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler, Oba milli maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi bilen baglanyşykly meselelere garaldy.***

Ilki bilen welaýatlaryň häkimleri sebitlerde möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda pagta ýygymynyň depginini güýçlendirmek, pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Ýygym möwsüminde oba hojalyk tehnikalary, kabul ediş harmanhanalary, pagta arassalaýjy kärhanalar netijeli işledilýär. Welaýatlarda bugdaý ekişi agrotehniki möhletlerde dowam edip, ekiş geçirilen meýdanlarda endigan gögeriş alynýar. Bu ugurda oba hojalyk tehnikalary we gurallary doly güýjünde işledilýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar. Sebitleriň ekerançylyk meýdanlarynda güýzlük ýeralma, gök-bakja, beýleki azyklyk ekinlere ideg etmek, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak işleri utgaşykly alnyp barylýar. Maldarçylyk hojalyklarynda gyş pasly üçin ot-iýmleri taýýarlamak, mallaryň gyşladyljak ýerlerini abatlamak boýunça degişli işler geçirilýär. Şeýle hem häkimler Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, bugdaý ekişini agrotehniki möhletlerde geçirmek üçin ähli zerur çäreleriň görülmelidigini belledi we bu babatda häkimlere anyk tabşyryklary berdi. Şeýle-de, döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Diýarymyzda ýetişdirilen pagta hasylyny gysga wagtda ýygnap almak, ýygnalan hasyly kabul ediş kärhanalarynda, pagta arassalaýjy kärhanalarda bökdençsiz kabul etmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Möwsümde ulanylýan oba hojalyk tehnikalary netijeli işledilýär. Welaýatlarda bugdaý ekişini bellenen agrotehniki möhletlerde we talabalaýyk geçirmek maksady bilen, ekişde ulanylýan oba hojalyk tehnikalarynyň doly güýjünde işledilmegine aýratyn üns berilýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar.

Hormatly Prezidentimiziň ilaty ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk önümleri bilen bolelin üpjün etmek baradaky tabşyryklaryndan ugur alnyp, sebitlerde güýzlük ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň, miweleriň ýetişdirilen hasylyny ýygnap almak boýunça işler ýerine ýetirilýär. Daşoguz, Lebap welaýatlarynda şaly oragy dowam edip, Mary welaýatynda gant şugundyrynyň hasylyny ýygnap almaga taýýarlyk görülýär. Ýurdumyzyň maldarçylyk hojalyklarynda gyş paslyna taýýarlyk görmegiň çäklerinde ätiýaçlyk ot-iýmleri taýýarlamak boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýokary guramaçylykly geçirilmegini gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, ýurdumyzyň oba hojalyk pudagynda jogapkärli möwsümiň – pagta ýygymy möwsüminiň dowam edýändigine ünsi çekdi we ýygymyň depginini güýçlendirmegi, hasyly gysga wagtda, ýitgisiz ýygnap almak üçin ähli zerur işleri geçirmegi, ýygymda kombaýnlaryň we tehnikalaryň, pagta arassalaýjy kärhanalaryň, kabul ediş harmanhanalarynyň doly güýjünde işledilmegini gazanmagy tabşyrdy. Bu işleriň öz wagtynda, ýokary hilli ýerine ýetirilmegi köp zähmet siňdirilip ýetişdirilen hasyly zaýasyz ýygnap almagy, pudakda özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmagy üpjün eder.

Hormatly Prezidentimiz bugdaý ekişiniň hem dowam edýändigine ünsi çekip, bugdaýyň bol hasylyny almagyň, şeýlelikde, ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny berkitmegiň, halkymyzyň saçagynyň berekedini artdyrmagyň ekiş möwsüminiň öz wagtynda, ýokary hilli geçirilmegine köp derejede baglydygyny belledi we geljek ýylyň hasyly üçin welaýatlarda bugdaý ekişiniň agrotehniki möhletlerde alnyp barylmagyna berk gözegçilik etmegi, ekişde ulanylýan tehnikalaryň netijeli işledilmegini üpjün etmegi, bugdaýa tagt we gögeriş suwuny wagtynda tutmagy tabşyrdy. Şunuň bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz welaýatlarda güýzlük ýeralmany, gök we beýleki oba hojalyk ekinlerini ýitgisiz ýygnap almak üçin hem ähli zerur işleri geçirmegi, bu önümler bilen içerki bazarlarymyzyň doly üpjün edilişini aýratyn gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Hormatly Prezidentimiz gyş paslynyň golaýlap gelýändigini belläp, maldarçylyk hojalyklarynda zerur möçberde ot-iým taýýarlamak hem-de mallaryň gyşladyljak ýerlerini abatlamak işleriniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

## Halkara gatnaşyklarynda parlament diplomatiýasy ösdürilýär



**Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Bitaraplyk hukuk derejesine ygrarly bolan ata Watanymyzyň halkara derejede abraýy barha artýar. Bu günki gün iň ygtybarly hyzmatdaş hökmünde Türkmenistan döwletimize sebitiň we dünýäniň ýurtlary uly gyzyklanma bildirýärler.**

**Täze taryhy döwürde parlament diplomatiýasy hil taýdan täze derejä we işjeň häsiýete eýe boldy. Häzirki wagtda ýurdumyzda parlamentara hyzmatdaşlygy ösdürmekde goňşy döwletleriň wekilçilikli edaralary bilen gatnaşyklary ýola goýmaga we ösdürmäge uly üns berilýär. Halkara hyzmatdaşlygy, aýratyn-da, parlamentara gatnaşyklary ösdürmegiň çäklerinde ýurdumyzyň dünýä döwletleriniň parlamentleri bilen ikitaraplaýyn esasda döredilen parlamentara dostluk toparlarynyň işi döwrebap derejede ösdürilýär. Şeýle hem parlament hyzmatdaşlygynyň dürli görnüşleri ýola goýulýar.**

**Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Merkezi Aziýa-Koreýa Respublikasynyň parlament ýolbaşçylarynyň duşuşygy ýola goýuldy. Şeýle duşuşygy geçirmek başlangyjynyň Gahryman Arkadagymyza degişlidigini bellemek gerek.** 3

## Magtymguly Pyragy – döwürleriň şahyry



**«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bagtyýar halkymyz Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny giňden, dabaraly belläp geçýär. Şanly ýylymyzyň başyndan bäri ýurdumyzda we daşary ýurtlarda beýik söz ussadymyzyň edebi mirasyna bagyşlanan çäreleriň ençemesi geçirildi.**

**Aşgabatda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forumyň geçirilmegi akyldar şahyrymyzyň at-owazasyny has-da belende galdyrdy.**

**Bu ýokary derejeli foruma gatnaşmak üçin Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýan, Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh, Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Ali Zardari, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew ýurdumyza geldiler.** 3

# TÜRKMEN-TÄJIK HÖKÜMETARA TOPARYNYŇ MEJLISI

*16-njy oktýabrda paýtagtymyzda Söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-täjik hökümetara toparynyň 13-nji mejlisi geçirildi. Oňa gatnaşmak üçin Täjigistan Respublikasynyň Premýer-ministriniň orunbasary S.Ziýozodanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Aşgabada geldi.*

Bilelikdäki toparyň gün tertibine söwda-ykdysady gatnaşyklaryň möhüm meseleleri girizildi. Şunuň bilen baglylykda, özara bähbitli hyzmatdaşlygy diwersifikasiýalaşdyrmak, söwda dolanyşygynyň möçberini artdyrmak, maýa goýum işini işjeňleşdirmek, täze bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygy bellenildi. Energetika pudagy, ulag we logistika, oba hojalygy, senagat geljegi uly ugurlaryň hataryndadyr. Işewür düzümleriň ugry boýunça netijeli gatnaşyklary giňeltmek babatda-da uly mümkinçilikleriň bardygy aýdyldy. Bilelikdäki ugurdaş çäreleriň yzygiderli geçirilmegi munuň üçin şertleri döredýär. Mejlise gatnaşyjylar uzak möhletleýin esasda ykdysady hyzmatdaşlygy ilerletmegiň täze görnüşlerini işläp taýýarlamagyň möhümdigini nygtadylar. Häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda, ylmy-tehniki ulgamda, öňdebaryjy tehnologiýalarydyr innowasiýalary ornaşdyrmak, bu ugurda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Ynsanperwer gatnaşyklary, şol sanda ylym-bilim ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn üns berildi. Täjigistan Respublikasynyň Hatlon welaýatynyň Dusti etrabynyň Ergeş Sultanow daýhan birleşiginde Magtymguly adyndaky umumybilim berýän orta mekdebiň gurlup ulanmaga berilmegi taryhy taýdan özara baglanyşýan iki halkyň doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan döwletara gatnaşyklarynyň aýdyň mysalydyr.

Türkmenistan bilen Täjigistan medeni ulgamda hem netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Medeniýet günleriniň we beýleki döredijilik çäreleriniň geçirilmegi munuň aýdyň güwäsidir. Şu ýyl dostlukly döwletiň wekilleri Gündogaryň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda geçirilen dürli çärelere gatnaşdylar. Prezident Emomali Rahmon şanly senä bagyşlanyp, 11-nji oktýabrda geçirilen «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara foruma gatnaşmak üçin paýtagtymyza sapar bilen geldi. Şunuň bilen baglylykda, Täjigistanda hem Magtymguly Pyragynyň ömri we döredijiligine bagyşlanan çäreleriň geçirilendigi bellärliklidir. Şeýle hem saglygy goraýyş, sport ulgamlarynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin oňyn mümkinçilikleriň bardygy aýdyldy.



Ýurtlaryň özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmegi maksat edinýändigini, gazanylan ylalaşyklary iş ýüzünde durmuşa geçirmäge ygrarlydyklaryny tassyklap, mejlise gatnaşyjylar strategik häsiýete eýe bolan türkmen-täjik hyzmatdaşlygynyň täze many-mazmuna eýe bolup, geljekde hem üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Mejlisiň jemleri boýunça degişli Teswirnama gol çekildi.

**COP29 maslahaty geçiriler**
Azerbaýjan BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşýan taraplaryň maslahatynyň 29-njy mejlisini (COP29) geçirmäge taýýarlanýar. Maslahatda 2016-njy ýylda güýje giren Pariž şertnamasyny durmuşa geçirmek barada kararlar kabul ediler. 4

**Kebelekler nirä gidýärler?**
Käbir kebelekler edil guşlar we beýleki janly-jandarlar ýaly howanyň sowamagy bilen ýyly ýurtlara göçüp gidýärler. Kiçidigine garamazdan, bu jandarlar paslyň çalyşmagy bilen uzak aralyklara uçýarlar. Şeýle görnüşli kebelekler Kanadada, ABŞ-da, Täze Zelandiýada we Günbatar Ýewropada ýaşaýar. 5

**Gazak edebiýatynyň düýbüni tutujy**
10-njy oktýabrda Aşgabatda beýik gazak şahyry we akyldary Abaý Kunanbaýewiň ýadygärligi açyldy. Gazak şahyrynyň ýadygärliginiň açylmagy türkmen paýtagtynyň medeni durmuşynda möhüm waka boldy. Ol iki halkyň arasynda ruhy ýakynlygyň, dostlugyň we özara düşünişmegiň nyşanyna öwrüldi. 6

**4 ýygyndy ýeňlişsiz ýoluny dowam edýär**
Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklarynyň Aziýa zolagynda 3-nji topgyryň nobatdaky duşuşyklary geçirildi. Geçirilen bu gezekki duşuşyklardan soňam Özbegistanyň, Eýranyň, Günorta Koreýanyň hem-de Ýaponiýanyň ýygyndylarynyň ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär. 7

**Tuhel Angliýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi**
Angliýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi belli boldy. Germaniýaly Tomas Tuhel Angliýanyň milli ýygyndysynyň tälimçiligine bellenip, ol 2025-nji ýylyň ilkinji gününden täze wezipesine girişer. 8

## Elektroulag satuwynda täze rekord

Dünýä ýurtlarynda geçen aý satylan elektroulaglaryň sanynyň 1,7 milliona ýetip, bu ugurda rekord goýlandygy bellenilýär. Angliýanyň «Rho Motion» maslahat beriş kompaniýasynyň maglumatyna görä, sentýabr aýynda satylan elektroulaglaryň sany geçen ýylyň dekabr aýyndakydan 150 müňden gowrak köp bolupdyr. Agzalýan satuwyň 1,1 milliony Hytaýda amala aşyrylypdyr. Degişli döwürde Ýewropa Bileleşiginde we Birleşen Patyşalykda bolsa, 300 müňden gowrak täze elektroulag müşderilere ýetirilipdir.



Ýylyň 9 aýynda bolsa, dünýä ýurtlarynda jemi 11,5 million elektroulag satylyp, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden 22 göterim köp bolupdyr. Bu döwürdäki satuwyň 7,2 milliony Hytaýda, 2,2 milliony Ýewropa Bileleşiginde we Birleşen Patyşalykda, 1,3 milliony bolsa Demirgazyk Amerikada amala aşyrylypdyr.

**Babamyrat ANNABERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Sahara çölüne sil geldi

Dünýäniň iň uly çölleriniň biri hasaplanýan Saharada köp mukdarda ýagan ýagyş siliň döremegine getirdi. Marokkoda gysga wagtda köp ýagynyň ýagmagy käbir çöllük ýerlerde kiçiräk köljagazlary emele getirdi. Bu ýerde bir ýylyň dowamynda düşýän ygal iki günüň dowamynda ýagdy. Ýagşyň çölüň iň gurak sebitlerine hem täsir edendigi mälim edildi. Emeli hemralar arkaly alnan suratlarda 50 ýyllap suwsuz ýatan Iriki kölüniň hem suwdan dolandygyny görmek bolýar.



Sebitde soňky alty ýyl has gurak geçipdir. Marokkonyň Meteorologiýa edarasynyň hünärmenleri soňky 50 ýylda şeýle ygalyň bolmandygyny, ýagşyň howadaky çyglylygyň mukdaryny hem artdyryp, täsirini birnäçe ýyllap dowam etdirjekdigini aýdýarlar. Sentýabr aýynyň başynda emele gelen bu tebigy hadysa ýurduň suw howdanlaryny hem doldurypdyr.

**Aýlar TÄJIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Elektrik energiýasyna isleg ýokarlanýar

Halkara energiýa agentliginiň taýýarlan maglumatnamasynda elektrik energiýasyna islegiň her ýyl ýokarlanýandygy mälim edildi. Maglumatda arassa energiýanyň önümçiliginiň hem artýandygy bellenildi. Global elektrik energiýa bazary onýyllygyň ortalaryndan başlap, Gün energiýasy we batareýalary ýaly arassa tehnologiýalaryň önümçiliginiň görnetin artjakdygy bellenilýär. 2030-njy ýyla çenli öndürilýän elektrik energiýasynyň ýarysy daşky gurşawa az zeper ýetirýän çeşmelerden alnar.



Maglumatlara görä, soňky on ýylda elektrik energiýasyna bolan isleg dünýäde iki esse artypdyr. Bu bolsa dünýäde sarp edilýän elektrik energiýasynyň her ýylda Ýaponiýanyňky ýalyrak artandygyny görkezýär.

**Ýazmyrat BÄŞIMOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Uçan ýerine gaýdyp geldi

Birnäçe ýyldan bäri kosmos pudagynda iş alyp barýan «SpaceX» kompaniýasy tehnologiýa babatda täze sepgide ýetdi. Kompaniýa köp ýyldan bäri kosmosa amala aşyrylýan gatnawlaryň arzanladylmagy üçin raketalary gaýtadan ulanýar. Mundan ozal, asman giňişligine haýsydyr bir enjamy äkiden göteriji raketanyň galan bölegi yzyna getirilip, suwuň ýüzündäki platforma gondurylýardy. «Starship» raketasy arkaly amala aşyrylan bäşinji synag uçuşynda bolsa, uçurylan raketanyň galan bölegi kosmodromdaky uçuş diňine geldi we ony saklaýan «gollar» tarapyndan tutulyp alyndy. Şeýlelikde, uzynlygy 121 metre barabar bolan äpet raketadan galan bölek 7 minutdan soňra uçan ýerine gaýdyp geldi.



«SpaceX» kompaniýasynyň hünärmenleri «köp gezeklik» raketalary işläp taýýarlap, onuň bahasyny görnetin arzanlatmagy başardylar.

**Şatlyk ALLANAZAROW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 90-njy awtoulag sergisi

Fransiýanyň paýtagty Pariždäki «Porte de Versailles» sergiler merkezinde halkara awtoulag sergisi geçirilýär. 90-njy gezek geçirilýän «Mondial de l'Automobile» sergisinde Fransiýadan we beýleki ýurtlardan awtoulag senagatynda iş alyp barýan kompaniýalar öz harytlaryny görkezýärler. Sergide 48 brend özüniň täze ulagyny köpçülige görkezdi. Olaryň arasynda «Renault», BMW, «Audi», BYD, «Citroen», «Dacia» ýaly kompaniýalaryň täze ulaglary bar. Täze tanyşdyrylan ulaglaryň ählisi diýen ýaly gibrid ýa-da dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýär.



Pandemiýa döwründe awtoulag sergileriniň köpüsi ýatyryldy, yza süýşürildi ýa-da onlaýn usulda geçirildi. Pariždäki gözden geçirişde bolsa, şeýle sergilere islegiň gaýtadan artyp başlandygyny görmek bolýar. Sergide, esasan, Ýewropa we hytaý brendleriniň önümleri bar.

**Resul GURBANGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# GLISIRRIZIN TURŞUSY ISLEGLI ÖNÜM

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan il-ýurt bähbitli içeri we daşary syýasatyndan we «Saglyk» Döwlet maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmekde, ilata ýokary hilli bejeriş, maslahat beriş we anyklaýyş kömegini bermekde uly işler alnyp barylýar. Şolaryň netijesinde, ýurdumyzyň derman senagatynyň kuwwatyny has-da ösdürmek maksady bilen täze döwrebap önümçilikler gurulýar. Şolaryň biri hem Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň çäginde gurlan buýan köküňden ýylda 390 tonna glisirrizin turşusyny öndürýän kärhanadyr.



Ýakynda ulanylmaga berlen kärhanada Italiýanyň «Adipson» kompaniýasy tarapyndan gurnalan kämil enjamlar arkaly buýan köki täzeden işlenilip, ýokary hilli glisirrizin turşusy öndürilýär. Kärhana bir ýylyň dowamynda 4 müň 500 tonna buýan köküni işlemäge we 390 tonna arassalanmadyk glisirrizin turşusyny öndürmäge ukyply.

Buýan köküňden alynýan glisirrizin turşusy derman senagatynda giňden ulanylýar, onuň biologik täsiri güýçli hasap edilýär. Şeýle-de azyk önümlerine goşulýan bu önüm sagdyn ösüşe, bedende alyş-çalşyň kadaly geçmegini üpjün etmäge ýardam edýär. Glisirrizin turşusy buýanyň kökünde jemlenip, iýmit süýjediji hem-de dermanlyk serişde hökmünde giňden ulanylýar. Bu önüm halk lukmançylygynda hem giňden ulanylypdyr. Aziýa ýurtlarynda, Hytaýda we Ýaponiýada bu önüme aýratyn ähmiýet berilýär.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkeziniň barlaghanasynda azyk önümlerini taýýarlamakda buýan köküni ulanmagyň tehnologiýasy işlenilip taýýarlanyldy. Iň köp isleg bildirilýän hem-de her gün iýmit hökmünde ulanylýan azyk harydy bolan çörek glisirrizin turşusy bilen baýlaşdyrylan ilkinji önüm boldy. Azyk önümlerine goşulan glisirrizin turşuly serişdeler bedendäki alyş-çalşy gowulandyrýar. Turşynyň ulanylmagy diňe bir önümleriň iýmit we tagam görkezijilerini gowulandyrmaga däl, eýsem, olaryň tebigy tagamyny we hoşboý ysyny saklamaga hem mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde glisirrizin turşusynyň esasynda allergiýa, sowuklama, bronh demgysmasyna, süýjüli başa (ekzema) we wiruslara garşy ulanylýan dermanlaryň 350 görnüşi taýýarlanylýar. Türkmen buýany çöl howasy we ýerli topragyň häsiýetli aýratynlygy netijesinde köp peýdaly maddalary özünde jemleýändigi üçin örän peýdaly hasaplanýar.

**Meýlis AKMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# NEBITGAZ PUDAGYNYŇ HALKARA FORUMY

Ýurdumyz dünýä döwletleri bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny işjeň ösdürip, sebit hem-de alysdaky ýurtlar bilen energetika, ulag-aragatnaşyk, oba hojalygy pudaklarynda işjeň hyzmatdaşlyk saklaýar. Bu netijeli hyzmatdaşlygyň netijesinde ýurdumyzda geçirilýän halkara forumlaryň sany yzygiderli artýar. Şol bir wagtda däbe öwrülen hem-de halkara ykdysady giňişlikde möhüm orun alan forumlar hem bar. Şolaryň biri hem «Türkmenistanyň nebiti we gazy» atly halkara maslahat we sergidir.

Yzygiderli guralyp gelýän bu halkara forum ýurdumyzyň iri döwlet edaralary – «Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleri, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy tarapyndan guralýar. Üstümizdäki ýylda 29-njy gezek geçirilýän halkara foruma 40-dan gowrak döwletden maliýe institutlarynyň hünärmenleriniň, bu ulgamda işleýän kompaniýalaryň bilermenleriniň gatnaşmagyna garaşylýar.

Energetika pudagynda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga we ösdürmäge gönükdirilen bu ýöriteleşdirilen forum utgaşykly görnüşde geçirilip, oňa sanly ulgam arkaly dünýäniň onlarça döwletinden wekiller gatnaşarlar.

23-25-nji oktýabrda geçiriljek maslahatyň we serginiň maksady, energetika pudagynda mundan beýläk-de durnukly ösüş baradaky gepleşikleri pugtalandyrmak, dünýä energiýa ulgamynyň soňky ugurlaryny gözden geçirmek we ýurdumyzyň nebitgaz pudagyna göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin mümkinçilikleri giňeltmekden ybaratdyr.

Ýurdumyzda tebigy gazyň eksporty bilen bir hatarda, gaýtadan işlenilmegine hem aýratyn üns berilýär. Soňky ýyllarda birnäçe gaz himiki toplumlary işe girizildi we ýakyn wagtda dünýä bazarlarynda isleg bildirilýän ýokary bahaly önümleri öndürmek üçin ýene birnäçesini gurmak meýilleşdirilýär. Hazar deňziniň kenarynda we ýurdumyzyň günbataryndaky gury ýerlerde nebitgazly ýataklar işjeň ösdürilýär.




Bu halkara forum ýurdumyzyň hem-de dünýäniň energetika bazarynyň häzirki ýagdaýyna syn bermek hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek babatda netijeli meýdança öwrüler.

**Rahym GULYÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# SPORTUŇ RUHY SAGLYGA TÄSIRI

Sport diňe fiziki taýdan sagdyn bolmaga täsir etmeýär. Maşk bilen yzygiderli meşgullanmak adamyň psihologiýasyna hem oňyn täsir edýär. Harward we Toronto uniwersitetiniň bilermenleriniň geçiren barlaglarynda yzygiderli maşk etmegiň adamyň ruhy saglygyna hem oňyn täsir edýändigi barada täze açyşlar edildi. Fiziki taýdan işjeň adam keýpiçag bolýar. Keýpiçaglyk bolsa adam bedeninde ýüze çykyp biljek beýleki keselleriň öňüni alýar. Maşk bedeni tebigy taýdan ýadadyp, rahat we kadaly uklamaga ýardam edýär.



Toronto uniwersitetiniň bilermenleri 26 ýylyň dowamynda geçirilen barlaglaryň netijelerini seljeripdirler. Netijede, orta derejeli maşkyň hem göwnüçökgünligiň öňüni almaga ýardam edýändigi ýüze çykarylypdyr. Fiziki taýdan hereket etmeýän adam özüni ýadaw duýýar. Bu bolsa işdäki ýa-da okuwdaky işjeňligi peseldýär.

Bilermenler sport bilen meşgullanyp başlamak üçin hem maslahat berýärler. Şoňa görä, eger ozal sport bilen meşgullanmadyk bolsaňyz, onda öňüňizde has kiçi, ýagny aňsatlyk bilen ýerine ýetirip boljak maksatlary goýmaly. Fiziki hereket üçin halaýan maşkyňyzy ýerine ýetirmeli. Eger şondan lezzet alýan bolsaňyz bu maşky ýerine ýetirmek endigi döräp biler. Şeýle hem tutanýerli bolmalydygyny unutmaly däl. Ýagny fiziki hereketiň yzygiderli bolmagy üçin tagalla etmeli.

**Jennet ILAMANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň psihiatriýa, narkologiýa we medisina psihologiýasy kafedrasynyň assistenti.*

# TÜRKMENISTAN ÖSÜŞLERIŇ MEKANY

Garaşsyzlygyny gazananyna 33 ýyl dolan Türkmenistan Watanymyz şol ýyllaryň dowamynda ähli ugurlarda uly ösüşleri gazanyp, dünýäniň kuwwatly döwletleriniň birine öwrüldi. Häzirki ajaýyp zamanamyzda bu ösüşleriň has-da ilerleýändigi, ýurdumyzyň halkara abraýynyň täze belentliklere göterilýändigi guwandyryjydyr.

Täze taryhy eýýamyň ilkinji günlerinden «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» badalga berilmegi bilen, ägirt uly ösüş-özgertmeler tutuş ýurdumyzy gurşap aldy. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda bu ösüş-özgertmeleriň, taryhy tutumlaryň döwrebap derejede, täze üstünlikler bilen dowamat-dowam bolýandygyny nygtamak bolsa aýratyn ýakymlydyr.

Bu taryhy döwürde ýurdumyzda giň gerimli maksatnamalaryň we taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegine, milli ykdysadyýetimiziň durnukly we sazlaşykly ösdürilmegine hem-de dünýäniň ykdysady giňişligine üstünlikli goşulyşmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Milli maksatnamada ýurdumyzy ähli taraplaýyn ösdürmegiň strategik ugurlary kesgitlenildi. Şeýle hem ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmak, obalaryň we şäherçeleriň ýaşaýjylarynyň durmuş şertlerini kämilleşdirmek, raýatlaryň maddy üpjünçiligini berkitmek we döwrebaplaşdyrmak ýaly wajyp meseleler Maksatnamada öz beýanyny tapdy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyz dünýäde halkara söwdanyň hem-de ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine özüniň goşýan goşandynyň gerimini barha giňeldýär. Ýewropa bilen Aziýa yklymlarynyň möhüm geosyýasy çatrygynda amatly ýerleşýän eziz Diýarymyz dünýäniň ençeme ýurtlary bilen hoşniýetli gatnaşyklary amala aşyrýar, ygtybarly ykdysady hyzmatdaşlyklary ösdürýär. Bu bolsa öz gezeginde ýurdumyzyň gümrük serhedinden geçýän harytlaryň, ulag serişdeleriniň möçberleriniň artmagyna getirýär.

Şu ýylyň üç çärýeginiň jemleri boýunça gurluşykda 9,3 göterim, ulag-aragatnaşykda 6,8 göterim, söwdada 9 göterim, oba hojalygynda 5,2 göterim, hyzmatlar ulgamynda 7,5 göterim ösüş depgininiň gazanylmagy ykdysadyýetiň durnuklylygyny üpjün etmekde durmuşa geçirilýän köpugurly ösüş strategiýasynyň ähmiýetiniň ýokarydygynyň aýdyň görkezijisidir. Şu ýylyň ýanwar – sentýabr aýlarynyň jemlerine görä, geçen ýyl bilen deňeşdirilende, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça senagat önümleriniň öndürilişiniň 104 göterim, oba hojalyk we azyk önümleriniň öndürilişiniň 109,5 göterim ýokarlanmagy ýurdumyzda bazar gatnaşyklarynyň has-da çuňlaşýandygynyň, hususan-da, täze iş orunlaryny döretmekde, ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda, bazarlarda azyk bolçulygyny üpjün etmekde uly mümkinçilikleri özünde jemleýän telekeçilik işiniň ösdürilýändiginiň güwäsidir. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberiniň, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 16,6 göterim artmagy ýurdumyzda maýa goýum işjeňliginiň häzirki ýagdaýyny görkezýär. Bu gün Türkmenistan dünýä maýadarlary we eksport edijileri üçin özüne çekiji ýurtlaryň biri hökmünde tanalýar. Şu ýylyň 10-11-nji sentýabrynda Aşgabatda geçirilen maýa goýum forumy munuň şeýledigini aňryýany bilen tassyklady.

**Aýgül ÝAGŞYMYRADOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Türkmen-rus medeni hyzmatdaşlygy

Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasyny taryhyň gatlaryna uzaýan medeni gatnaşyklar we häzirki döwürde has-da ýygjamlaşýan ykdysady hyzmatdaşlyk ýakyndan baglanyşdyrýar. Russiýa Federasiýasy Türkmenistanyň esasy strategik hyzmatdaşy hasaplanýar. Häzirki wagtda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy türkmen-rus gatnaşyklarynyň möhüm ugry bolup durýar, iki ýurtda özara Medeniýet günleri yzygiderli geçirilýär. Bu çäreler doganlyk halklaryň has-da ýakynlaşmagyna goşant goşýar.

Ýurdumyzda diňe bir Russiýanyň medeniýetine däl, eýsem, rus dilini we edebiýatyny öwrenmäge-de uly üns berilýär. Aşgabatda A.S.Puşkin adyndaky umumybilim berýän bilelikdäki türkmen-rus orta mekdebiň açylmagy bilim ulgamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýokary derejesiniň aýdyň mysalydyr. Häzirki wagtda Türkmenistanyň ähli bilim edaralarynda rus dili öwredilýär. Türkmen talyplarynyň on müňlerçesi Russiýanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýar.

Iki doganlyk döwletiň arasyndaky ynsanperwer ugurly hyzmatdaşlykda medeni gatnaşyklara hem aýratyn ähmiýet berilýär. Muňa 16-17-nji oktýabrda paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen Russiýanyň Medeniýet günleriniň çäreleri hem aýdyňlygy bilen subutnamadyr.

Russiýa Federasiýasynyň Medeniýet günleri 16-njy oktýabrda Adygeýanyň «Nalmes» Döwlet akademiki halk tans toparynyň konserti bilen açyldy. Bu maksatnamada gadymy «Islameý» tansy, hanjar tansy, horeografiki kompozisiýalar görkezildi. Şeýle hem W.D.Polenow adyndaky Russiýanyň Döwlet halk döredijilik öýi tarapyndan taýýarlanan «Russiýanyň gurnama mozaikasy» sergisi görkezildi.

Mundan başga-da, P.I.Çaýkowskiý adyndaky XV Halkara bäsleşiginiň we köp sanly rus hem-de halkara ýaryşlaryň ýeňijisi, Moskwanyň Döwlet akademiki filarmoniýasynyň solisti, pianinoçy Dmitriý Masleýew iki sany ussatlyk sapagyny geçirdi.



Mukamlar köşgünde «P.I.Çaýkowskiniň ýubileýine tarap» atly nusgawy aýdym-saz konserti geçirildi. Onda halkara ýaryşlaryň ýeňijisi Dmitriý Masleýew P.Çaýkowskiniň we S.Rahmaninowyň eserlerini ýerine ýetirdi.

**Agajan ANNAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# DIL – ÖZARA GATNAŞYKLARYŇ GURALY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlaryň ylym-bilim almagyna aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzda ylym-bilimi ösdürmekde, kämil hünärmenleri ýetişdirmekde ähli mümkinçilikler döredilýär. Esasan hem, ýaşlaryň ene dilimizi çuňňur bilmegi, daşary ýurt dillerini öwrenmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Şonuň netijesinde hem dil öwrenmek boýunça dürli ugurlardan tejribe toplanylýar. Şeýlelikde, ýaşlarymyz daşary ýurt dillerini suwara bilýärler, kämil hünärmenler bolup ýetişýärler.



Häzirki zaman adamzat jemgyýetiniň ösüşinde dilleri öwretmegiň we özleşdirmegiň örän uly ähmiýeti bar. Daşary ýurtlaryň ösen tejribesini öwrenmekde, seljermekde, iň ygtybarlysyny durmuşa ornaşdyrmakda dil öwrenmäge uly orun degişlidir.

Daşary ýurt dillerini öwrenmek dünýägaraýşymyzy giňeltmegiň möhüm şertidir. Häzirki döwürde daşary ýurt dillerini bilmek zerur hasaplanýar, çünki iň täze tehnologiýalardan baş çykarmak, dünýä ýaşlary bilen aýakdaş gitmek döwrüň möhüm talaby bolup durýar. Şonuň üçin eýýäm mekdebe çenli çagalar edaralarynda körpelere iňlis we rus dilleri öwredilip başlanýar. Çagalar baglarynda, başlangyç synplarda iňlis we rus dilleri öwredilýär.

Islendik ýaşda hem dil öwrenmek mümkin. Emma bu babatda has amatly ýaş aýratynlygy hökmünde iki ýaşdan dört ýaş aralygy görkezilýär. Alymlar bu döwürde çagalaryň beýnisiniň ösüp, kämilleşip ugraýandygyny, bilesigelijilik höwesini göz öňünde tutmak bilen, olaryň gündelik öwrenen sözlerini çalt kabul edip, beýnisinde tiz özleşdirýändiklerini belleýärler. Alymlaryň geçiren barlaglarynyň netijelerine görä, 5-6 ýaşlaryndaky çagalaryň köp zatlary özleşdirip başarýandygy, 70 göterim bilimi şol döwürde alýandygy anyklanyldy. Şonuň üçin hem çagalara bu döwürde berlen bilim olaryň bilim binýadynyň berkden bolmagyna kömek edýär.

**Çemen KAKYŞOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

## Ýewropada has köp zawod açar

Soňky ýyllarda emeli aň tehnologiýasy senagatyň ähli ugurlarynda diýen ýaly ornaşdyrylýar. Bu tehnologiýa önümçiligi görnetin artdyrmaga, energiýany tygşytlamaga, adam zähmetini ýeňilleşdirmäge ýardam edýär. Şeýle bolansoň bu ugra maýa goýýan kompaniýalaryň sany her ýyl artýar. Emeli aň tehnologiýalaryny işläp taýýarlaýan we enjamlaryny öndürýän kompaniýalaryň girdejileri görnetin ýokarlanýar. Şeýle kompaniýalaryň biri bolan TSMC kompaniýasynyň Ýewropada has köp zawod açjakdygy mälim edildi. Taýwan kompaniýasy, esasan, emeli aň çiplerini öndürmek üçin Ýewropadaky önümçilik desgalarynyň sanyny artdyrar. Bu kompaniýa iň ösen çipleri öndürmegi bilen tanalýar. Kompaniýanyň şu ýylyň awgust aýynda Germaniýanyň Drezden şäherindäki ilkinji zawodynyň gurluşygyna başlanypdy. Bu zawod kompaniýanyň Ýewropa Bileleşigi ýurtlaryndaky ilkinji önümçilik desgasy bolar. Bu ýerde önümçiligiň 2027-nji ýylyň ahyrynda başlanmagyna garaşylýar.



**Sapartäç HOJABALKANOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallymy.*

## Ýupiteriň hemrasynda ýaşaýşyň alamatlary gözlener

NASA Ýupiteriň Ýewropa atly hemrasyny (Ýupiter II hem diýilýär) has ýakyndan öwrenmek hem-de buz bilen örtülen asman jisiminde ýaşaýşyň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamak üçin kosmos enjamyny uçurdy. Floridadaky kosmodromdan uçurylan kosmos gämisi Ýewropanyň daşky gatlagynyň astynda doňan ummanyň we ol ýerde ýaşaýşyň bardygyny ýa-da ýokdugyny öwrenmekde peýdalanylar. «Europa Clipper» atly kosmos gämisi 2030-njy ýylda asman jisiminiň orbitasyna girer. Umumy bahasy 5,2 milliard dollar bolan taslamanyň çäklerinde ol ýerde himiki elementleriň we ýaşaýyş üçin gerek bolan energiýanyň bardygy ýa-da ýokdugy ýüze çykarylar.



Ululygy biziň planetamyz bilen deňeçer bolan Ýewropadaky ýerasty ummanynda Ýeriň ähli ummanlaryndaky suwuň iki essesine barabar suwuň bardygy çaklanylýar. Kosmos gämisiniň üç ýyl ulanylmagy, gerek bolan ýagdaýynda ulanyş möhletiniň uzaldylmagy göz öňünde tutulýar.

**Gurban NAZAROW,**
*Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap kazyýetiniň kazyýet ýerine ýetirijisi, 3-nji derejeli ýurist.*

## Elektrik energiýasyny öndürýän emeli ösümlik

Otag ösümlikleriniň öýüň ýa-da ofisiň howasyny arassalamaga we çyglylygy kadalaşdyrmaga ýardam edýändigi hemmelere mälimdir. Şeýle bolansoň, köp adam penjireleriň öňünde, iş stollarynda gül goýmagy, oňa ideg etmegi kem görmeýär. Hünärmenler emeli otag ösümligini oýlap tapdylar. Bu ösümlik jaýyň içindäki ýagtylykdan peýdalanyp, fotosintez hadysasyny amala aşyrýar, kömürturşy gazyny 90 göterime çenli azaldýar, şeýle hem kislorod we bioelektrik öndürýär. ABŞ-nyň Bingemton uniwersitetiniň hünärmenleri durnukly energiýa babatda uly ösüş hasaplanýan açyş etdiler. Olaryň oýlap tapan bu ösümligi diňe adaty ösümlikleriň fotosintezine öýkünmän, eýsem, elektrik energiýasyny hem öndürýär. Ilkibaşda bu taslama bakteriýa bilen işleýän biobakteriýalar öndürmek üçin başlanypdyr. Alymlar topary bäş sany biologik Gün batareýasyny hem-de fotosintetik bakteriýany ulanyp, emeli ýaprak öndürdi. Soňra bolsa bu ýapragyň has köp maksatlar üçin ulanyp boljakdygy mälim edildi.



**Aýjeren MÄMMETMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Oktýabr aýynyň 18-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114991
Belgisi: 42/1608
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## Alabaý – halkymyzyň milli gymmatlygy

Türkmen topragynda döräp, müňýyllyklaryň dowamynda kämilleşip, it tohumlarynyň naýbaşy hasaplanýan türkmen alabaý itleri halkymyzyň milli gymmatlygydyr. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen häzirki wagtda ýurdumyzda alnyp barylýan işler gün-günden artýar. Gahryman Arkadagymyzyň hut özüniň başlangyjy bilen 2020-nji ýylyň 1-nji maýynda «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň döredilmegi, 7-nji maýynda «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň birinji mejlisiniň geçirilmegi türkmen itşynaslarynyň ýeten belent derejesini dünýä mälim edýär. Ýurdumyzda itşynaslara berilýän ünsüň ýokarydygyny alnyp barylýan işleriň netijesinde hem görmek bolýar.

Türkmen alabaýynyň baýramy ýurdumyzyň milli senenamasynda orun alan baýramdyr. 2021-nji ýylda bu sene ilkinji gezek Türkmen bedewiniň milli baýramy bilen bilelikde bellenildi. 2022-nji ýylda bolsa, Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Permanyna laýyklykda, ol ilkinji gezek aýratyn baýram hökmünde bellenildi. Her ýyl oktýabr aýynda bellenilýän bu baýramçylygyň çäklerinde Aşgabatda hem-de ýurdumyzyň sebitlerinde itşynaslygyň möhüm meselelerine bagyşlanan ylmy-amaly maslahatlar, sergiler we alabaýlaryň keşbini şekillendiriş, amaly-haşam sungatynda çeper beýan etmek boýunça döredijilik bäsleşikleri, aýdym-sazly çykyşlar, itleriň bu tohumynyň dünýäde şöhratynyň ýokarlanmagyna, ýurdumyzda itşynaslygyň ösdürilmegine we has-da kämilleşdirilmegine ýardam edýän beýleki medeni çäreler geçirilýär.

Ýurdumyzda itşynaslygy ösdürmek, bu ugurda gazanylan üstünlikleri halkara derejede giňden wagyz etmek maksady bilen, Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň «Türkmeniň nusgalyk alabaýy» atly žurnaly döredildi.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň işleri üstünlikli alyp barmagy arkaly halkymyzyň milli gymmatlyklarynyň biri bolan türkmen alabaýlarynyň dünýä ýüzündäki şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, olary gorap saklamak we



köpeltmek, tohumçylyk işini alyp barmak hem-de bu ugurda geçirilýän işleri halkara derejesinde ösdürmek boýunça häzirki döwürde ýurdumyzda giň möçberli işler amala aşyrylýar. Türkmen alabaýlarynyň iň gadymy tohumlarynyň biri bolandygyny ýurdumyzyň Altyndepe, Goňurdepe, Nusaý ýaly meşhur taryhy-medeni ýadygärliklerinde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň barşynda ýüze çykarylan köp sanly arheologik tapyndylar hem tassyklaýar.

Ýurdumyzda itçilik pudaga degişli birnäçe häzirki zaman desgalarynyň – Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň toplumynyň, Ahal welaýatynda karantin merkeziniň, Balkan, Daşoguz, Lebap, Mary welaýatlarynda we Aşgabat şäherinde Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň merkezleriniň açylmagy bu ugurdaky işleriň döwlet tarapyndan goldanylýandygynyň, tohum itleri ösdürip ýetişdirmek boýunça toplumlaýyn düzümleri ösdürmegiň ýolunda alnyp barylýan giň gerimli we yzygiderli işleriň subutnamalarydyr. Şunda alabaýlary ösdürip ýetişdirmäge, alabaýlaryň neslinde olaryň häsiýetli aýratynlyklaryny ýüze çykarmaga hem-de berkitmäge bildirilýän ähli talaplar göz öňünde tutulyp, seçgiçi hünärmenleriň, zootehnikleriň, weterinarlaryň amatly şertlerde we netijeli işlemekleri üçin ähli şertler döredilendir.

**Bagtyýar AŞYROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Kitap – hazynalar ummany

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda bilim edaralarynyň maddy-enjamlaýyn, hukuk binýadyny berkitmek, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, häzirki zamanyň ösen tehnologiýalaryna erk edýän watansöýüji ýaşlary kemala getirmek babatynda nusgalyk işler durmuşa geçirilýär.

Ýaşlaryň häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda kemala gelmegi ugrunda edilýän tagallalaryň biri hem olaryň ylymly-bilimli bolmagyny gazanmakdyr. Ylym-bilim diýlende, kitap has öňdäki orna çykýar. Ýaşlarda kitaba bolan söýgini döretmek mukaddes borçdur. Kitap – hazynalar ummany. Kitap – bilimiň çeşmesi. Kitap adamzat durmuşynyň deňsiz-taýsyz gymmatlygy, gaýtalanmajak oýlap tapmasydyr. Biziň ata-babalarymyz kitaba aýratyn hormat goýupdyrlar. Muny biziň nusgawy edebiýatymyzyň naýbaşy eserleriniň üsti bilen hem aýdyň görüp bilýäris. Kitaba bolan hormat diňe bir biziň türkmen halkymyzda bolman, eýsem, ol dünýäniň ähli künjeginde ähli halklar tarapyndan aýratyn sarpalanýan gymmatlyklaryň hataryna girýär. Kitap çagalara başlangyç terbiýäni bermekde hem aýratyn orna eýe bolup durýar. Bu babatda ertekiler, çagalar üçin goşgular we sanawaçlar uly isleg bilen peýdalanylýar.



Türkmen halkynyň kitaba goýýan hormaty öz gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýar. Kitaphanalarda alnyp barylýan giň gerimli işleriň üsti bilen halkymyzyň köpasyrlyk şöhratly taryhy, milli gymmatlyklary dünýä jemgyýetçiligine ýetirilýär. Kitaphanalaryň täze syýasy, ylmy, çeper we okuw kitaplary, dürli neşir önümleri bilen yzygiderli üpjün edilmegi, kitap neşir etmek işiniň kämilleşdirilmegi, bu babatda ýurdumyzda her ýylda sergi-ýarmarkanyň we ylmy maslahatyň geçirilmegi uly ähmiýete eýedir.

Okamak tutanýerlilik we sabyr talap edýär. Kitap okamagyň ummasyz köp peýdasy bar. Köp okan adam bilimli bolup, durmuşda hemişe gowy ýaşaýşa eýe bolýar. Kitap okalanda diňe sahypalarynda ýazylan setirlerdäki sözleri dile getirmän, manysyny, awtoryň berjek bolýan öwüt-nesihatyny düşünmäge synanyşmaly we mundan many çykaryp, özüňi gowy tarapa çekmegi başarmaly.

Häzirki döwürde ähli öýde kompýuter, telewizor, öýjükli telefon bar we adamlar wagtynyň köp bölegini şol zatlara sarp edýärler. Ine, şeýle döwürde kitap okamaga has köp wagt sarp etmegi başarmak zerurdyr. Dogry we peýdaly kitaby saýlap almak hem kitap okamak ýaly örän wajypdyr. Esasan hem, ylmy kitaplary okamaga ymtylmaly. Mundan başga-da, ýerli we daşary ýurt nusgawy edebiýaty okamak hem peýdalydyr. Nusgawy edebiýatlar hiç haçan könelmeýär, ýatdan çykarylmaýar we uzak ýyllaryň dowamynda adamlar tarapyndan uly höwes bilen okalýar.

Häzirki döwürde bilim-ylym ulgamy döwrebap ösdürilýär. Çagalar baglarynyň kitap tekjelerindäki ýaş aýratynlyklaryna görä saýlanyp goýlan dürli reňkli, özüneçekiji suratlar bilen bezelen kitaplardan başlap, orta mekdeplerdäki we ýokary okuw mekdeplerindäki kitaphanalar ýaşlaryň kitap okamaga bolan islegini kanagatlandyrýar. Elektron kitaphanalar hem giň mümkinçilikleri döredýär.

Häzirki zaman kitaplary adamzadyň ösüşinde uly orun eýeleýär. Ol ýagşy bilen ýamany saýgarmaga, gözýetimi giňeltmäge, dünýägaraýşy kämilleşdirmäge we gözellik duýgusyny ösdürmäge uly goşant goşýar.

**Aýna ABAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň mugallymy.*

## HALKARA GATNAŞYKLARYNDA PARLAMENT DIPLOMATIÝASY ÖSDÜRILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bolsa, paýtagtymyz Aşgabatda Merkezi Aziýa-Koreýa Respublikasynyň parlament ýolbaşçylarynyň «Parahatçylygyň, gülläp ösüşiň we özara ynanyşmagyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly şygary bilen duşuşygynyň geçirilmegi parlament diplomatiýasynyň nobatdaky üstünligidir. Bu duşuşyga Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň Başlygy, Gazagystan Respublikasynyň Parlamentiniň Majlisiniň Başlygy, Gyrgyz Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň Başlygy, Täjigistan Respublikasynyň Oli Majlisiniň Nomaýandogan Majlisiniň Başlygy, Özbegistan Respublikasynyň Oliý Majlisiniň Kanunçykaryjy palatasynyň Başlygy we bu ýurtlaryň parlamentarileri gatnaşdylar.

Ýakynda dünýä döwletleriniň Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forumyň geçirilmegi ýurdumyzyň parahatsöýüjilikli syýasatynyň aýdyň dabaralanmasyna öwrüldi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen ýurdumyzyň parlament diplomatiýasy ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna laýyklykda üstünlikli alnyp barylýar. Ol daşary ýurt döwletleriniň parlamentleri bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn



esasda gatnaşyklary ýola goýmak, halkara parlament guramalaryň we assambleýalaryň işine gatnaşmak, parlamentara dostluk toparlaryny döretmek, ýaş parlamentarileriň hyzmatdaşlygyny goldamak, zenan deputatlaryň işjeňligini ýokarlandyrmak boýunça bilelikdäki parlament çärelerini guramak arkaly durmuşa geçirilýär. Munuň özi Bitarap döwletimiziň halkara başlangyçlaryny goldamakda möhüm gural bolup durýar we Gahryman Arkadagymyzyň öňe süren halkara gatnaşyklarda «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly filosofiýasyny dünýä giňişliginde rowaçlandyrýar.

Merkezi Aziýa döwletleriniň we Koreýa Respublikasynyň Parlament ýolbaşçylarynyň ikinji duşuşygy däp bolan dostlukly türkmen-koreý, türkmen-gazak, türkmen-gyrgyz, türkmen-täjik, türkmen-özbek gatnaşyklaryny hil taýdan täze derejä çykarmakda aýratyn möhüm ähmiýete eýedir.

Paýtagtymyz Aşgabatda ýokary guramaçylyk derejesinde geçen bu duşuşyk Türkmenistanyň dünýä bileleşiginiň işjeň agzasy hökmünde diňe bir özara gyzyklanma bildirilýän hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine gönükdirilen ähmiýetli başlangyçlary öňe sürmek bilen çäklenmän, eýsem, olaryň durmuşa geçirilmegi ugrunda hem uly tagalla edýändiginiň aýdyň subutnamasy boldy.

**Yhlas ATAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## TÜRKMENISTAN-MONGOLIÝA: HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE DÖWRI

Mongoliýanyň Prezidentiniň Türkmenistana ilkinji döwlet sapary türkmen-mongol hyzmatdaşlygynyň taryhynda täze sahypany açdy. Türkmen-mongol gatnaşyklarynyň mazmuny ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryna hem-de ählumumy ösüşiň ýörelgelerine garaýyşlar babatda doly özara düşünişmek bilen şertlendirilendir. Mongoliýa



Türkmenistanyň bitarap daşary syýasat ugruny, ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynda we beýleki halkara düzümlerde öňe sürýän başlangyçlaryny köp ýyllaryň dowamynda goldaýar. Öz gezeginde, Türkmenistan hem Mongoliýanyň dünýäniň syýasy giňişliginde öňe sürýän garaýyşlaryny we halkara ähmiýetli tekliplerini mundan beýläk-de goldamagy maksat edinýär.

Ine, şu nukdaýnazardan, Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuhyň bu taryhy sapary uly ähmiýete eýe boldy. Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh saparyň dowamynda meşhur türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara foruma hormatly myhman hökmünde gatnaşdy hem-de bu çäräniň ýokary derejede guralandygyny belledi. Ýokary derejedäki gepleşikleriň barşynda syýasat, ykdysadyýet, oba hojalygy, ulag, logistika, syýahatçylyk, bilim, medeniýet ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şeýle hem bu sapar köp sanly resminamalaryň gol çekilmegi bilen tapawutlandy. Iki ýurduň arasynda ulag ulgamynda, hususan-da howa hem-de awtomobil gatnawlary babatda möhüm ylalaşyklar gazanyldy. Mongoliýanyň we Türkmenistanyň söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny giňeltmek maksady bilen, taraplar hemişelik esasda ýurtlaryň degişli ministrlikleriniň we edaralarynyň arasynda özara saparlary geçirmek, tejribe alyşmak, işgärler bilen üpjünçiligi berkitmek, hyzmatdaşlygyň resminamalarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek barada ylalaşdylar. Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-mongol toparyny döretmek boýunça ylalaşyldy. Bu resminamalar iki tarapyň hem milli bähbitlerini, durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny nazara almak bilen, köpugurly döwletara dialogy hemmetaraplaýyn ösdürmegiň binýadyny goýdy.

Mongoliýa bilen Türkmenistanyň arasynda söwda we ykdysady gatnaşyklar bilen bir hatarda ynsanperwer ugurda, ýagny bilim, medeni ugurly hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda tagallalar edilýär. Şunuň bilen baglylykda, iki ýurduň bilim, ylym, medeniýet edaralarynyň, uniwersitetleriniň arasynda gatnaşyklary ýola goýmak teklip edildi. Maddy däl, medeni mirasy bilelikde öwrenmek we wagyz etmek boýunça işleri geçirmegiň wajypdygy nazara alnyp, türkmen tarapyna Mongoliýada her ýyl geçirilýän «Çarwa» atly bütindünýä medeni festiwala gatnaşmak başlangyjy öňe sürüldi.

Ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça başyny başlan giň gerimli özgertmeleriniň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, Türkmenistan kuwwatly ykdysadyýeti bolan döwlete öwrüldi. Ähli pudaklarda uly ösüşleriň gazanylmagy, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagy munuň aýdyň netijesidir. Şunuň bilen baglylykda, dürli ugurlarda türkmen-mongol hyzmatdaşlygyny hem ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Saparyň çäklerinde ilkinji gezek türkmen-mongol işewürler forumy geçirilip, oňa mongol tarapyndan 40-dan gowrak kompaniýalaryň wekilleriniň gatnaşmagy iki döwletiň arasynda söwda-ykdysady hem-de hususy pudagyň wekilleriniň arasynda netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin nobatdaky ädim boldy.

Aşgabatda geçirilen ýokary derejeli taryhy duşuşyk ýurtlarymyzyň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy, iri halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde gatnaşyklary işjeňleşdirmäge ygrarlydygyny tassyklamak bilen, häzirki zaman türkmen-mongol hyzmatdaşlygynyň senenamasynda möhüm sahypany açdy.

**Didar ÇOLUKOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## MAGTYMGULY PYRAGY – DÖWÜRLERIŇ ŞAHYRY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiziň belläp geçişi ýaly, türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň toýy bu gün dünýäniň toýuna öwrüldi. Dana Pyragynyň parasatly pikirleri asyrlarboýy halkymyz üçin, şeýle-de beýleki halklaryň wekilleri üçin hem durmuş ýörelgesine öwrülip geldi.

Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumy Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi, şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygynyň bu abraýly gurama bilen bilelikde bellenilip geçilýän şanly seneleriň sanawyna goşulmagy, şeýle hem Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan 2024-nji ýylyň «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan edilmegi akyldar şahyrymyza goýlan aýratyn hormat-sarpanyň nyşanydyr.

Nusgawy şahyryň eserleriniň köp dillere terjime edilendigi hem-de olaryň dünýäniň onlarça ýurdunda neşir edilendigi kanagatlanma bilen bellenilip, beýik türkmen şahyrynyň goşgular ýygyndylarynyň, saýlanan eserleriniň çap edilmegini we neşire taýýarlanylmagyny mundan beýläk-de höweslendirmegiň zerurdygy beýan edildi. Şunuň bilen baglylykda, «Magtymguly Pyragynyň ensiklopediýalaryny» neşir etmek mümkinçiliklerini işjeň öwrenmek üçin uly gyzyklanmalaryň bardygy bellenildi. Bu neşirde Magtymgulynyň edebi mirasyny öwrenýän alymlaryň ylmy-barlag işleri baradaky maglumatlar toplanylar. Bu barada Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300



ýyllygyna bagyşlanan «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forumyň Jemleýji resminamasynda bellenilip geçilýär.

Hakykatdan hem türkmen şahyry ähli halklaryň şahyryna öwrüldi. Bu foruma gatnaşmaga gelen Ermenistanyň, Özbegistanyň hem-de Gyrgyz Respublikasynyň Prezidentleri öz ýany bilen özbek, gyrgyz hem-de ermeni dillerine terjime edilen Magtymguly Pyragynyň goşgular ýygyndylaryny getirdiler we Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza gowşurdylar.

Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň döredijiligini wagyz etmek babatda medeni dialog döwletleriň arasynda köpugurly hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly goşant goşýar. Şeýle hem akyldar şahyrymyzyň halklaryň arasynda dostlugyň we özara düşünişmegiň pugtalandyrylmagyna, olaryň medeniýetleriniň özara baýlaşmagyna ýardam berýän pikirleri ähli ýurtlaryň dilleriniň senasyna öwrüldi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, beýik akyldarymyzyň toýy hakykatdan hem dünýä döwletleriniň toýuna öwrüldi.

Gündogaryň meşhur akyldary Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny dünýä ýaýmakda, iki ýurduň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň foruma gatnaşan dünýä döwletleriniň Baştutanlaryny «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglamagy bolsa, dost-doganlyk gatnaşyklarynyň nobatdaky dabaralanmasyna öwrüldi.

**Şirin ÇARYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## KITAPHANA IŞI ÖSDÜRILÝÄR

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz döwletimizde bolup geçýän uly ösüşler, hususan-da ylym, bilim we medeniýet ulgamlaryndaky özgertmeler ýurdumyzyň kitaphanalarynyň işine öz täsirini ýetirýär we olaryň işini täzeçe guramagyň depginleriniň yzygiderli güýçlendirmegi talap edýär. Döwletiň ösmeginde, özgermeginde kitaphanalar ähli ruhy baýlyklary we gymmatlyklary özünde jemlemek bilen, türkmen halkynyň bagtyýarlyk döwründe milletiň ruhy galkynyşyny döretmekde möhüm orny eýeleýär.

Ýurdumyzyň raýatlaryny bagtyýarlyk ruhunda terbiýelemekde, olarda sadalyk, päklik, mähribanlyk, sahawatlylyk, sowatlylyk, hoşniýetlilik, watanperwerlik, ýurdumyzyň saýlap alan ösüş ýoluna wepalylyk duýgularyny oýarmakda, döwletimiziň ylym, bilim, medeniýet ulgamlarynda alnyp barylýan syýasaty durmuşa geçirmäge gatnaşmakda kitaphanalaryň mümkinçilikleri çäksizdir.

Ýurdumyzyň Döwlet kitaphanasy ýurdumyzyň beýleki merkezi kitaphanalary bilen bilelikde hormatly Prezidentimiziň atalyk aladalary netijesinde taslamalary durmuşa geçirilen bitewi elektron kitaphana ulgamyna goşuldy, bu taslamanyň düýp özeni hut Döwlet kitaphanasy tarapyndan dolandyrylýar. Bu taslama 2016-njy ýylyň 29-njy iýulynda işe girizildi. Döwlet kitaphanasy ýurdumyzyň ähli görnüşdäki kitaphanalary üçin ylmy we usulyýet merkezi bolup durýar.

Eziz Diýarymyzda kitaphanalardaky kitaplaryň sany yzygiderli artdyrylýar. Ýaňy-ýakynda ýurdumyzyň kitaphanalaryna «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň şanly menzilleri» ady bilen Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan neşir edilen Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň 2022-nji ýylda alyp baran işleriniň senenamasy baradaky kitabyň 1-nji tomy gelip gowuşdy. Bu kitap aýratynlykda türkmen, rus, iňlis dillerinde çap edilipdir. Bu kitapda ýerleşdirilen maglumatlar Türkmenistanyň häzirki zaman ideologiýasynyň baý many-mazmunyny açýar, ýurdumyzyň syýasatyna laýyklykda, raýatlaryň hal-ýagdaýyny hem-de durmuş taýdan goraglylygyny gowulandyrmak boýunça alnyp barylýan işleri görkezýär. Bu kitap mähriban Watanymyzyň iň täze taryhy bilen gyzyklanýan okyjylarymyz üçin gymmatly çeşme bolup durýar.



Şeýle hem kitaphanalarymyzda Magtymguly Pyragynyň eserlerine hem uly gyzyklanma bildirilýär. Häzirki wagtda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli guralýan dabaralaryň gerimi barha giňeýär. Dana şahyrymyzyň edebi mirasy türkmen halkynyň milli medeni gymmatlygy, ruhy hazynasy hökmünde dünýä ýaýylýar. Magtymguly Pyragynyň eserleriniň ýaş nesliň dünýägaraýşyny kämilleşdirmekde bahasyna ýetip bolmajak terbiýeçilik ähmiýeti bardyr. Dana şahyrymyzyň poeziýasynyň ahlak sapaklary ähli döwürde-de wajyp bolup durýar. Şonuň üçin Magtymguly Pyragynyň eserleri dünýä dillerine terjime edilýär. Şeýle goşgularyň özbek, gyrgyz, ermeni we gruzin dillerine terjime edilen täze nusgalary peýda bolýar.

Türkmen nusgawy ýazyjy-şahyrlarymyzyň baý mirasyny ýaş nesillerimiziň aňynda, kalbynda ornaşdyrmakda uly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize alkyşlarymyz çäksizdir.

**Irina ZAÝNULINA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Nury Baýramow adyndaky kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

## Milli mirasymyz – buýsanjymyz

Eziz Watanymyzda milli mirasymyzy öwrenmekde, ösdürmekde möhüm işler alnyp barylýar, sungat derejesine ýetirilen nusgalyk mirasymyzyň gadyr-gymmaty belentde tutulýar. Ene-mamalarymyz milli mirasymyzyň ajaýyp gymmatlygy bolan halydyr palas dokamak, keçe basmak, keşde çekmek, örüm örmek, dürli alaja, jähek, aldymgaç ýüplerini taýýarlamak ýaly el işleri bilen irki döwürlerden bäri meşgullanyp gelýärler. Müňýyllyklaryň dowamynda kämilleşip, müdimiligiň möhüri basylan el hünäri zenanlarymyzyň buýsanjydyr.

Milli mirasymyzyň belent derejesini Gahryman Arkadagymyzyň käbesi Ogulabat ejäniň bejeren kürtesiniň, ören jorabynyň mysalynda hem görmek bolýar. Ýurdumyza gelýän myhmanlar türkmen zenanlarynyň milli egin-eşikleriniň, şaý-sepleriniň owadanlygyna haýran galýarlar. El hünäriniň milli nusgalaryny dünýä ýaýýan türkmen zenanlarynyň çeper el işleri gelin-gyzlarymyzyň edep-ekramyny, zähmet terbiýesini, ukyp-başarnygyny özünde jemleýär, geljekki nesillere galjak milli mirasymyzyň nusgalyk sungat eserleri bolup hyzmat edýär.

Taryhdan belli bolşy ýaly, türkmen gelin-gyzlarynyň keşde çekmek sungaty hem gadymy el hünärleriniň biridir. Keşdeler milli egin-eşiklerimiziň düzüm bölegidir. Eli çeper, dili şeker ene-mamalarymyz milli lybaslarymyzy bezemek üçin dürli nagyşlary döredipdirler. Olar keşdeçilik usulynda tikilip taýýarlanypdyr. Şol çeper usullary, tärleri, tejribeleri eneler gyzlaryna, aýal doganlar uýalaryna, gelinler baldyzlaryna öwredipdirler. Gelin-gyzlarymyza mahsus üme dessury türkmen gyzlary üçin edep-terbiýäniň, hünär öwrenmegiň hem-de sungata aralaşmagyň mekdebi bolupdyr. Ol ýerde ýaş gyzlar boýdaşlaryndan, deň-duşlaryndan ýa-da ýeňňelerinden el işlerini öwrenmek bilen, durmuşda özüňi alyp barmagyň ýollaryny, edep-kadalaryny öwrenipdirler. Şeýlelikde, bu gadymy milli amaly-haşam sungaty menziller aşyp, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Şeýle hem türkmen milli



egin-eşikleri özüne çekijiligi bilen dünýä ýüzünde meşhurdyr. Keşdeçilik türkmen halkynyň gadymdan gelýän medeni gymmatlyklarynyň biri bolmak bilen, halkymyzyň durmuşyna berk ornaşypdyr.

Türkmen halky tarapyndan müňýyllyklaryň dowamynda döredilen maddy däl medeni mirasymyzyň gymmatlyklarynyň nusgalaryny toplap öwrenmek, gorap saklamak babatynda maksatlaýyn işleri alyp barmaklyk hem-de geljekki nesillere ýetirmek ugrunda ylmy-usulyýet, wagyz-nesihat häsiýetli işleri ýola goýmak, ilatdan toplanylan maglumatlary arhiwleşdirmek, olaryň maglumatlar binýadyny döretmek ugrunda uly işler amala aşyrylýar.

Türkmen halky dünýäniň maddy we medeni gymmatlyklaryna öz mynasyp goşandyny goşan halk. Häzirki döwürde halkymyzyň maddy we maddy däl medeni gymmatlyklaryny ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizmek boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar. Ýakynda «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» atly milli hödürnama ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi we degişli şahadatnama Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Medeni we ruhy gymmatlyklaryň birnäçesiniň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi halkymyzyň buýsanç çeşmesidir.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň abraý-mertebesi, şan-şöhraty dünýä dolýar. Türkmenistan ösüşleriň, rowaçlygyň ýurdy hökmünde dünýäde giňden tanalýar. Munuň şeýle bolmagynda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan beýik işleri, parasatly syýasaty esas bolýar. Ynsan durmuşyny gözellige öwürýän, medeniýete we sungata uly üns berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömüleri uzak, il-ýurt bähbitli işleri rowaç bolsun.

**Owlak IŞBAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Kalby buýsançly ýaşlar

Türkmenistan ýaşlaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy, ylymly-bilimli, ýokary düşünjeli adamlar bolup ýetişmegi üçin ähli amatlyklaryň, möhüm şertleriň döredilen ýurdudyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda ýaşlaryň döwrebap bilim almagynda, saýlap alan hünärleri boýunça bilimlerini artdyrmagynda, ýaş nesilleriň ylmy we döredijilik işlerine höweslenmeginde, özlerini kämilleşdirmeginde, beden-terbiýe we sport bilen meşgullanmagynda hemmetaraplaýyn goldaw bermek baş wezipeleriň biri bolup durýar. Ýaş nesle bilim bermek, onuň döredijilik mümkinçiliklerini amala aşyrmak, ýaşlaryň saýlap alan hünärlerine eýe bolmaklary, ylym bilen meşgullanmaklary üçin ähli şertleri döretmek bilen bagly meselelere aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hem şol möhüm wezipeleri çözmäge gönükdirilip, ol ýaşlary hemmetaraplaýyn goldamagyň, olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramagyň kepilidir.



Eziz Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde hormatly Prezidentimiz – Biz bilim ulgamynda ruhy taýdan kämil, giň dünýägaraýyşly ýaş nesilleri terbiýelemek boýunça netijeli işleri alyp barýarys. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda halkara derejä laýyk gelýän umumybilim edaralaryny döretmegi, mekdep-gimnaziýalary açmagy hem möhüm wezipeleriň biri hasaplaýarys – diýip belläp geçdi.

Ýaş nesilleri watansöýüjiligiň, ynsanperwerligiň, mertligiň, gaýduwsyzlygyň, ruhubelentligiň we zähmetsöýerligiň belent ruhunda terbiýelemek ähli döwürlerde hem möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Gadymdan gelýän milli ynsanperwer ýörelgelere laýyklykda iň döwrebap enjamlar, interaktiw tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan häzirkizaman orta we ýokary okuw mekdeplerinde ýaşlara halkara derejesinde bilim we terbiýe bermäge, olaryň durmuş, medeni, ruhy we beden taýdan ösüşine ýardam etmäge gönükdirilen toplumlaýyn maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýaşlar hem özleri hakynda edilýän alada mynasyp jogap bermek bilen, öz bilimlerini, zehinlerini we ukyplaryny mähriban Diýarymyzyň bähbidine gönükdirmäge çalyşýarlar. Olar ata-babalarymyzyň parasatly wesýetlerine eýerip, watançylygyň, zähmetsöýerligiň we wepalylygyň aýdyň nusgasyny görkezýärler. Bagtyýar ýaşlaryň häzirki we geljekki eşretli durmuşyny üpjün etmek üçin çäksiz alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Osman AŞYROW,**
*Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň Ýaşlar guramasynyň başlygy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Lionel Messi öz atyryny çykardy.** «Inter Maýaminiň» we Argentinanyň milli ýygyndysynyň futbolçysy Lionel Messi «Messi Fragrance» nyşany bilen öz atyryny çykardy. Bu atyr «Leo Messi Eau De Parfum» diýlip atlandyrylyp, 105 dollar baha bilen satuwa çykaryldy. Sowgatlyk toplumynyň bahasy bolsa 120 dollara barabar.



**Ronaldo hem sagat çykardy.** Portugaliýanyň milli futbol ýygyndysynyň hüjümçisi Kristiano Ronaldo «Jacob&Co», «Flight of CR7» we «Heart of CR7» ýaly goşar sagatlaryny çykarandygyny habar berdi. «Altyn topuň» bäş gezek eýesi 39 ýaşly Ronaldo «Al-Nassr»-yň düzüminde 2023-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri çykyş edýär.



**3D printerde gurulýan myhmanhana.** ABŞ-nyň Tehas ştatyndaky Marfa şäherinde 3D çap usulynyň kömegi bilen dünýäde ilkinji myhmanhana gurulýar. «El Cosmico» atly toplum 43 otagdan we 18 ýaşaýyş jaýyndan ybarat. «El Cosmico»-nyň gurluşygy 2026-njy ýylda tamamlanar.



**Heniz öwrenilmänkä ýitip biler.** Britan alymlary tarapyndan geçirilen barlaglarda Ýer togalagynda henizem ylymda näbelli bolan müňlerçe ösümlik görnüşiniň ösýän 33 sebitiniň bardygy anyklandy. Alymlar bu näbelli ösümlikleriň 75 göteriminiň doly öwrenilmänkä ýitip biljekdigini duýdurýarlar.



**Iň kiçi kubjagaz.** Ýaponiýanyň «MegaHouse» kompaniýasy Rubigiň kubjagazynyň iň kiçi nusgasyny öndürdi. Ol şeýle bir kiçi welin, ony düzmek üçin jüpdek gerek bolup biler. Alýuminden ýasalan oýunjagyň her tarapy 5 millimetr bolup, agramy bary-ýogy 0,3 grama deň. Bahasy 5320 dollara barabar.



**Nebitiň bahasyny ýokarlandyrmakçy.** Noýabr aýyndan başlap Saud Arabystany çig nebitiň bahasyny Aziýa ýurtlary üçin ýokarlandyrmak, Ýewropa we Amerika sebitindäki müşderiler üçin peseltmek kararyna geldi. Bu barada «Saudi Aramco» kompaniýasy habar berýär. Aziýada «Arab Light», «Arab Extra Light» we «Arab Medium» nebitiniň bir barreliniň bahasy 0,9 dollar gymmatlar.



**Ýeňijiler mälim edildi.** Londonyň Tebigat taryhy muzeýi tarapyndan 2024-nji ýylyň abraýly «Ýabany tebigat suratçysy» bäsleşiginiň ýeňijileri mälim edildi. Oňa 117 ýurtdan 59 müň 228 fotosurat ugradyldy. Bäsleşikde kanadaly fotožurnalist Şeýn Gross «Durmuşyň toplumy» atly suraty bilen ýeňiji boldy.



**Dünýäniň iň baý aýdymçysy.** Teýlor Swift meşhur kärdeşi Riannadan öňe saýlanyp, dünýäde iň baý aýdymçy zenan boldy. «Forbes» žurnalynyň maglumatlaryna görä, Swiftiň baýlygy 1,6 milliard dollara deň. Rianna indi sanawda ikinji orna düşüp, baýlygy 1,4 milliard dollara barabar.



**Tigirlerine zyýan ýetdi.** NASA-nyň 2012-nji ýyldan bäri Marsda hereket edip gelýän «Curiosity» mars roweriniň tigirleriniň birine uly zeper ýetse-de, işlemegini dowam etdirýär. MAHLI kamerasy arkaly düşürilen suratlarda tigir daşlygyndaky ýyrtylan yzlar mese-mälim bildirýär. Bu deşiklerden tigriň içindäki mehanizmler hem görünýär.



**Rekordlar kitabyna girdi.** Las-Wegasyň (ABŞ) ýaşaýjysy Şon Grizli Ewerestiň beýikligine (8 848 metr) barabar aralygy geçip, täze dünýä rekordyny goýdy. Ýöne ol bu üstünligi 22 sagat 57 minut 2 sekundyň içinde öýündäki basgançagynda aşak-ýokaryk münüp-düşüp gazandy. Bu üstünligi Ginnesiň rekordlar kitaby resmi taýdan ykrar etdi.

## TARYHDA ŞU GÜN



**1967-nji ýylyň 12-nji iýunynda uçurylan «Wenera 4» stansiýasy 18-nji oktýabrda Wenera gondy. Kosmos gämisi paraşýut arkaly gonýan wagty ilkinji gezek başga bir planetanyň atmosferasynda göni barlaglary geçirdi. Stansiýanyň ylmy gözlegleri Wenerada magnit meýdanynyň we radiasiýa guşaklarynyň ýoklugyny görkezdi.**

## Nobel hepdeligi tamamlandy

11-nji oktýabrda 2024-nji ýylyň parahatçylyk boýunça Nobel baýragy Hirosima we Nagasakidäki atom partlamalaryndan aman galanlary birleşdirýän Ýaponiýanyň «Nihon Hidankyo» guramasyna berildi. Bu barada Nobel komitetiniň beýanatynda bellenilýär.

Bu gurama «ýadro ýaraglaryndan azat dünýäni gurmak ugrundaky tagallalary hem-de ýadro ýaraglarynyň gaýtadan ulanylmaly däldigi baradaky subutnamalary üçin» sylaglandy. «Nihon Hidankyo»-nyň egindeş başlygy Mimaki Tosiýuki öz guramasyna Nobel baýragynyň berilmegi bilen bagly geçirilen metbugat maslahatynda ýadro ýaraglarynyň bütinleý ýok edilmelidigini belledi. Maslahatda ýadro ýaraglarynyň soňky 80 ýyl töweregi wagt bäri söweş hereketlerinde ulanylmaýandygy bellenildi. «Nihon Hidankyo»-nyň we hibakusýanyň (Hirosima we Nagasakiniň atom partlamalaryna duçar bolan adamlar Ýaponiýada şeýle atlandyrylýar) wekilleriniň alyp barýan işleri ýadro ýaraglaryny ulanmagyň gadagan edilmegine möhüm goşant goşdy.

Alfred Nobeliň wesýetnamasyna laýyklykda esaslandyrylan beýleki baýraklardan tapawutlylykda, parahatçylyk baýragy Stokgolmda däl-de, Osloda berilýär.

14-nji oktýabrda Şwesiýanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan amerikan alymlary Daron Ajemogluna, Saýmon Jonsona we Jeýms Robinsona «döwletleriň ykdysady abadançylygynyň derejesindäki tapawudyň sebäplerini öwrenendikleri üçin» 2024-nji ýylyň ykdysadyýet boýunça Nobel baýragy berildi. Bu baýrak ykdysady ylymlar pudagynda iň abraýly baýrak hasaplanýar.

Alymlar «institutlaryň nähili emele gelýändigini we olaryň ýurduň abadançylygyna nähili täsir edýändigini öwrenendikleri» üçin bu baýraga mynasyp görüldi. Olar ýurtlaryň arasyndaky ykdysady hal-ýagdaýda näme üçin şeýle uly tapawudyň bardygy baradaky täze pikirleri orta atdylar. Olaryň işleri güýçli institutlaryň gülläp ösüşe nähili ýardam berýändigini, şol bir wagtyň özünde gowşak gurluşlaryň ykdysady ösüşe nähili böwet bolýandygyny




düşündirýär. Iň möhüm düşündirişleriň biri bolsa, jemgyýetçilik institutlaryndaky tapawutlar. Ajemoglu, Jonson we Robinson ýewropalylar tarapyndan girizilen dürli syýasy we ykdysady ulgamlary içgin öwrenip, institutlaryň ýurtlaryň ykdysady hal-ýagaýyna täsirini görkezmegiň hötdesinden geldiler.

Nobel hepdeligi 7-nji oktýabrda fiziologiýa we lukmançylyk boýunça baýrak eýeleriniň atlarynyň mälim edilmegi bilen başlandy. 8-nji oktýabrda fizika boýunça, 9-njy oktýabrda himiýa boýunça, 10-njy oktýabrda edebiýat boýunça baýrak eýeleriniň atlary yglan edildi. Baýrak gowşuryluş dabaralary adatça 10-njy dekabrda şwesiýaly alym we oýlap tapyjy Alfred Nobeliň aradan çykan güni Stokgolmda we Osloda geçirilýär.



## Iň uzyn tramwaý işe girizildi

Germaniýanyň «Rhein-Neckar-Verkehr» (RNV) we Çehiýanyň «Škoda Group» ulag bileleşigi dünýäniň iň uzyn tramwaýyny hödürledi. Onuň ilkinji nusgasy Germaniýanyň Mangeým şäherinde işe girizildi.

Tramwaýyň uzynlygy 60 metr bolup, her biri 6 metr bolan 10 wagondan ybarat. Ol 368 ýolagça niýetlenen. Tramwaýyň iň ýokary tizligi sagatda 80 kilometre ýetýär, bu bolsa häzirkilerden 20 kilometr tizdir. Onuň içinde sowadyjy, gatnaw maglumatlaryny berýän ekran, hereketi çäkli ýolagçylar üçin enjamlar ýaly häzirki zaman amatlyklar göz öňünde tutulan.

Tramwaý Mangeým şäherinde hem-de Reýn-Nekkar sebitindäki ilatly nokatlaryň aralygynda gatnar. Bu şäher etegindäki ýaşaýjylaryň şäher merkezlerine çalt we rahat barmagyny üpjün eder.

«Rhein-Neckar-Verkehr» (RNV) bilen «Škoda Group»-yň arasyndaky şertnama laýyklykda, 2026-njy ýyla çenli 114 wagon öndüriler. Şolardan 80 sanysynyň 265 million ýewro düşjekdigi mälim. Täze tramwaý 1960 – 2000-nji ýyllarda öndürilen köne tramwaýlar bilen ornuny çalşar.

Golaýda Hindistanyň Kalkutta şäherinde dünýäde iň uzak wagt bäri işläp gelýän tramwaý gatnawlary ýatyryldy. Hökümetiň täze çözgüdi tramwaýlaryň haýal hereketi netijesinde döreýän ulag päsgelçiliklerine garşy göreş, şeýle-de ulagyň häzirki zaman tiz hereket edýän görnüşlerini ornaşdyrmak maksady bilen baglydyr. Kalkuttada tramwaýlaryň hatda geçen asyryň 30-njy ýyllaryndan bäri hereket edýänleri hem bar. Geçen ýylyň fewral aýynda Kalkutta tramwaýynyň 150 ýyllygy bellendi.

## Awtoulaglaryň bahasy arzanlady

Hytaý ýeňil awtoulag birleşiginiň (CPCA) maglumatlaryna görä, 2024-nji ýylyň ýanwar-sentýabr aýlarynda Hytaýda awtoulaglaryň 195 modeli düýpli arzanlady. Assosiasiýanyň baş sekretary Suý Donşu häzirki pese gaçyşyň benzin, gibrid we elektrik modellerine täsirini ýetirendigini aýtdy.

Şeýlelikde, benzin hereketlendirijisi bolan 71 sany awtoulag modeli, ortaça 15 müň ýuan (takmynan, 2,1 müň dollar) arzanlady, şeýle awtoulagyň ortaça bahasy 9,3 göterim peseldi. Gibrid awtoulaglardan hem 13 model 15 müň ýuan arzanlady (ortaça baha 8,3 göterim pese düşdi).

Zarýad berilýän gibridler (29 model) ortaça 24 müň ýuan (3,3 müň dollar), geçýän ýoly artdyrylan elektroulaglar (13 model) 14 müň ýuan (takmynan, 2 müň dollar) arzanlady.

Bahalaryň pese düşmegi «arassa» elektroulaglara-da täsir etdi, şeýle ulaglardan 69



model ortaça 23 müň ýuan (3,2 müň dollar) arzanlady. Hünärmenler muny bazardaky bäsdeşlik we elektroulaglary öndürmekde hökümetiň goldawy bilen baglanyşdyrýarlar. Bu ýagdaý bahalaryň arzanlamagyna we sarp edijileriň ekologik awtoulaglara elýeterliligini ýokarlandyrmaga kömek edýär.

## Harris Trampdan öňde barýar

**ABŞ-nyň wise-prezidenti, Demokratik partiýanyň dalaşgäri Kamala Harris, Respublikan partiýadan bäsdeşi Donald Trampa garanyňda, pikiri soralanlaryň arasynda 2 göterim öňde barýar. Muňa «ABC News» we «Ipsos» tarapyndan geçirilen pikir soralyşyklar güwä geçýär.**

**Pikir soralyşyklaryň netijelerine görä, pikiri soralanlaryň 50 göterimi Harrise ses berdi, 48 göterimi bolsa, Trampa bolan goldawyny mälim etdiler. Şol bir wagtyň özünde, 2 göterim aralyk, eýýäm hasaba alnan saýlawçylaryň arasynda hem saklanyp galýar, olaryň 49 göterimi Demokratik partiýanyň dalaşgärini, 47 göterimi bolsa, Respublikan partiýanyň dalaşgärini goldaýar. Pikir soralyşyk 2**



**müň 631 amerikalynyň arasynda iňlis we ispan dillerinde onlaýn geçirildi.**

**ABŞ-da Prezident saýlawlary 5-nji noýabrda geçiriler. Demokratik partiýa wise-prezident Kamala Harris, Respublikan partiýa ABŞ-nyň öňki Prezidenti Donald Tramp wekilçilik edýär.**

## Birinji tapgyrynda ýeňiş gazandy

13-nji oktýabrda Litwada geçirilen parlament saýlawlarynyň birinji tapgyrynda Sosial-demokratik partiýasy 20 göterim töweregi ses alyp, öňdeligi eýeledi. Ikinji orunda 18 göterim töweregi ses bilen dolandyryjy konserwatiw «Watan Bileleşigi» – Hristian-demokratlar gelýär.

Üçünji orunda 15 göterim ses bilen ilkinji gezek saýlawlara gatnaşýan we şu ýyl döredilen «Zarya Nemana» partiýasy gelýär. Onuň lideri, öňki deputat Remigiýus Žemaýtaýtisdir.

Sosial-demokratlaryň lideri Wiliýa Blinkýawiçýute ilkinji gezek saýlawlara gatnaşan we bary-ýogy 9 göterim ses alan «Litwa üçin» demokratik bileleşik bilen koalisiýa hökümetini döretmäge synanyşjakdygyny aýtdy. Ol şeýle hem 8 göterim töweregi ses alan «Liberallar hereketini» we 7 göterim töweregi ses alan «Litwanyň daýhan halk bileleşigini» koalisiýa goşulmaga çagyrdy.

Dolandyryjy koalisiýasynyň bir bölegi bolan «Erkinlik» partiýasy saýlawlaryň 5 göterimlik böwedinden geçip bilmedi. Jemi 14 partiýa we bir koalisiýa dalaşgärleriň sanawyny hödürledi.

Saýlawlara gatnaşyk 52,36 göterim boldy. Parlament saýlawlary garyşyk ulgam boýunça geçirilýär. Mandatlaryň gutarnykly paýlanyşy 27-nji oktýabrda meýilleşdirilýän bir mandatly saýlaw okruglarynda



ikinji tapgyrdan soň mälim ediler. Onuň netijeleri parlamentdäki güýçleriň deňagramlygyna täsir edip biler.

Litwa Demirgazyk Ýewropada ýerleşýän ýurt. Ilaty 2 million 866 müňden gowrak. Baltika deňzine çykalgasy bolan bu ýurt Latwiýa, Belarus, Polşa we Russiýanyň Kaliningrad sebiti bilen serhetleşýär. Paýtagty Wilnýus. Şeýle hem Litwa 2004-nji ýyldan bäri Ýewropa Bileleşiginiň agzasydyr.

## COP29 maslahaty geçiriler

**Azerbaýjan ýurduň taryhynda iň uly halkara çäresini, BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşýan taraplaryň maslahatynyň 29-njy mejlisini (COP29) geçirmäge taýýarlanýar. Maslahatda 2016-njy ýylda güýje giren Pariž şertnamasyny durmuşa geçirmek barada kararlar kabul ediler. BMG tarapyndan döredilen sekretariat tarapyndan dolandyrylýan COP maslahatynyň ýyllyk sessiýalary her ýyl bir ýurtda guralýar. Bu ýyl COP29-yň başlygy Azerbaýjan. Häzirki wagtda ýurduň döwlet edaralary, kompaniýalary we hökümete degişli bolmadyk guramalary 11-22-nji noýabr aralygynda geçiriljek COP29 maslahatyny üstünlikli guramak üçin tagallalaryny birikdirýärler. Iki hepdäniň dowamynda Bakuwyň müňlerçe myhmany kabul etmegine garaşylýar. 50-den gowrak döwlet we hökümet Baştutany, COP29 maslahatynyň sessiýasyna gatnaşjakdygyny tassyklady.**

**Maslahatda sebitleýin we global gün tertibindäki meseleler ara alnyp maslahatlaşylar we esasy tema howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerine garşy göreşi maliýeleşdirilmekden ybarat bolar. Pariž şertnamasyna**



**laýyklykda, ösen ýurtlaryň ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak we howanyň üýtgemeginiň täsirlerini azaltmak boýunça ösýän ýurtlara maliýe goldawy bu çäräniň esasy maksatlaryndan biridir. Häzirki wagtda, takmynan, 100 milliard dollar töweregi möçberinde howanyň maliýeleşdirilmegini ýokarlandyrmak boýunça çynlakaý gepleşikler alnyp barylýar.**

## 50 ÝYLDA 73 GÖTERIM AZALDY

Ýabany haýwanlaryň sany 1970-nji ýyldan 2020-nji ýyla çenli 73 göterim azalypdyr. Bu barada Londonyň zoologiýa jemgyýetiniň hasabatynda bellenilýär. Ady agzalan jemgyýet tarapyndan taýýarlanan «Janly planetanyň indeksi» atly hasabatda 1970-nji ýyldan 2020-nji ýyla çenli ýabany haýwanlaryň, takmynan, 5,5 müň töwereginiň ýagdaýyna baha berilýär.

Maglumatlara görä, Latyn Amerikasynda we Karib deňzinde ýabany haýwanlaryň azalmagy ýokary derejede bolup, ýarym asyryň dowamynda 95 göterim azalypdyr. Bu ýagdaý Afrikada 76 göterime, Aziýada we Ýuwaş ummanynda 60 göterime, Demirgazyk Amerikada 39 göterime, Ýewropada 35 göterime deňdigi bellenilýär.

Londonyň zoologiýa jemgyýetiniň ýerine ýetiriji direktory Metýu Guld bu ýagdaýlaryň global maýlama, haýwanlaryň tebigy ýaşaýyş ýerleriniň ýok edilmegi, daşky gurşawyň hapalanmagy we adam işjeňliginiň beýleki täsirleri sebäpli hasam erbetleşip biljekdigini duýdurdy.

Hünärmenleriň bellemegine görä, şu ýyl geçiriljek BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşýanlaryň maslahatynyň 29-njy mejlisinde (COP29) dünýä liderlerine bu meseläni çözmäge mümkinçilik dörär. Şeýle hem hünärmenler döwlet we hususy pudaklaryň ýolbaşçylaryny bu ugurda maýa goýumlaryny artdyrmaga, howa, tebigat we durnukly ösüş syýasatlaryny has gowy sazlamaga çagyrýar.



## TEBIGATYŇ GORAGYNDA

**Kanada Çiliden soň tebigatyň jogapkärçiligi baradaky kanun taslamasyny kabul eden ikinji ýurtdur. Bu barada Kanadanyň daşky gurşawyň we howanyň üýtgemeginiň meseleleri boýunça ministri Stiwen Gilbo aýtdy.**

**– Ýurduň parlamenti biodürlüligi ýokarlandyrmaga gönükdirilen täze kanun kabul etse, utuş gazanar – diýip, ministr belledi.**

**Bu kanun taslamasy dünýäde howanyň üýtgemegi hem-de biodürlüligiň çökgünligi bilen göreşilýän mahaly kabul edildi. Kanadanyň ýabany tebigatyň görnüşleri baradaky soňky hasabatynda ýurtda her bäş görnüşden biriniň ýitip ýok bolmak howpy bilen ýüzbe-ýüzdügi bellenilýär. Teklip edilýän kanun taslamasy häkimiýetleri biodürlüligi gorap saklamak boýunça milli strategiýany işläp düzmäge we parlamente hödürlemäge borçly edýär.**

**Kanada dünýäniň süýji suwunyň 20 göterimine, dünýädäki suwly batgalyk ýerleriň 25 göterimine we pürli tokaýlaryň 25 göterimine eýe. Dünýäniň iň uzyn kenar ýakasyna eýe bolan bu ýurt, dünýäniň iň uly deňiz çäkleriniň birine hem eýedir.**

**Kanada, takmynan, 14 göterim ýa-da 1 million 368 müňden gowrak inedördül kilometre deň bolan gury ýere, ýagny çäkleri boýunça Perudan hem uly ýere, şeýle hem deňiz çäkleriniň 15 göterimine, ýagny Pakistanyň çäklerine barabar bolan 842 müň 828 inedördül kilometr ýere eýedir.**

**Stiwen Gilbonyň aýtmagyna görä, hökümet Monrealda biodürlülik boýunça 15-nji Bütindünýä konferensiýasynda (COP15) mälim edilen 1,5 milliard dollardan başga-da, şu ýylyň birinji alty aýlygynda kabul edilen býujetinde täze seýilgähleri gurmak we tebigaty goramak maksady bilen 600 million dollar bölüp berdi.**



# BU OBADA HEMMELER «GUŞ DILINDE» GEPLEŞÝÄR

**Syýahatçylyk pudagynda öňdäki orunlary eýeleýän Türkiýe baý medeni mirasy, binagärlik gurluşlary, owadan deňiz kenarlary we gadymy obalary bilen syýahatçylary özüne çekýär. Ýurduň iň täsin medeni miraslarynyň birine Kuşköý obasynda duş gelmek bolýar. Giresun welaýatynyň Çanakçy etrabynda ýerleşýän bu obanyň ýaşaýjylary öz aralarynda täsin dili – «guş dilini» ulanýarlar. Bu däp 2017-nji ýylda ÝUNESKO tarapyndan «Gyssagly goragy talap edýän maddy däl medeni mirasyň» sanawyna girizildi.**

**«Guş dili» näme?**

Daglyk sebitde ýerleşýän bu obanyň ýaşaýjylary gaty ses bilen biri-birine bir zady habar bermekden kynçylyk çekipdirler. Netijede, habarlaşmagyň özboluşly usuly – sygyryp düşünişmegi oýlap tapypdyrlar. «Guş dilinde» sözler we sözlemler sygyrmak arkaly aňladylýar. Ýagny barmaklar bilen dili basmak arkaly çykýan owaz labyzly heňe salynýar. Batly we sazly gurluşy bolan «guş dilini» 1 kilometr uzaklykdan eşidip bolýar. Guşlaryň sazlaşykly owazy ýaly eşidilýän «guş dili» bu obada 400 ýyl çemesi ozal peýda bolupdyr. Giresunyň daglyk ýerlerinde ýaşaýan daýhanlar we çopanlar bir-birine çalt we täsirli habar bermek üçin sygyrmak usulyny döredipdirler. Wagtyň geçmegi bilen bu usul oba ýaşaýjylary tarapyndan kabul edilip, aragatnaşyk serişdesine öwrülipdir. Şol döwürler telefonyň ýokdugy sebäpli bu usul özüne çekiji aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat edipdir. Ýerli halk tarapyndan ösdürilen sygyrmak gepleşiginde sözler we sözlemler, gyssagly habarlar dürli ses belentliginde owaza salnypdyr. Häzirki wagtda «guş dili» diňe bir aragatnaşyk serişdesi bolmak bilen çäklenmän, eýsem, sebitiň medeni mirasyna we nyşanyna öwrüldi. Syýahatçylaryň aglaba bölegi Kuşköý obasyna bu medeni mirasy ýakyndan synlamak we öwrenmek üçin barýarlar.





ÝUNESKO-nyň maglumatlaryna görä, soňky ýyllarda tehnologiýanyň we aragatnaşyk serişdeleriniň ösmegi bilen «guş dilinde» gepleşmek öňki derejesinde saklanmaýar. Esasan hem, Kuşköý obasynda ýaşaýan ýaşlaryň köpüsi «guş dilini» bilmeýär. Şol sebäpli bu däp ÝUNESKO tarapyndan «Gyssagly goragy talap edýän maddy däl medeni mirasyň» sanawyna girizildi. 400 ýyl öň oýlanyp tapylan bu medeni mirasyň ýitip gitmek howpy abanýar. Sygyryp gepleşýänleriň esasy bölegi obanyň garry ilaty bolup, ýaş nesil bu dili öwrenmekde kynçylyk çekýär. Şol sebäpli bu obada 2014-nji ýyldan bäri her ýyl «Guş dili» festiwaly geçirilip gelinýär. Bu köpçülikleýin çäre oba ýaşaýjylaryndan başlap, ýerli we daşary ýurt syýahatçylarynyň iň gyzykly başdangeçirmesine öwrülýär. Festiwalda diliň ulanylyşyna degişli okuwlar, ýaryşlardyr görkezme çykyşlary guralýar.

Kuşköý obasynda ulanylýan «guş diline» meňzeş diller dünýäniň başga künjeklerinde-de duş gelýär. Mysal üçin, Ispaniýanyň Kanar adalarynda ýaşaýan bir taýpa «guş diline» ýakyn silbo dilinde gepleşýär. Meksikada ýaşaýan käbir halklar hem sygyrmak arkaly habarlaşýarlar. Şeýle-de bolsa, Kuşköý obasyny ýaňlandyrýan «guş dili» sözleri we söz düzümlerini sygyrmak arkaly beýan edip bolýandygy bilen tapawutlanýar.

# Uçarda doglan çaga haýsy ýurduň raýaty bolar?

**Çaganyň uçarda dogulmagy seýrek duş gelýän wakalaryň biridir. Esasan hem, asmanda doglan bäbegiň haýsy ýurduň raýaty boljakdygy kopleriň ünsüni özüne çekýär. Howa ulagynda doglan çaganyň raýatlygy ata-enesiniň raýatlygy, çaganyň haýsy ýurduň üstünde uçup barýarka doglandygy we uçaryň haýsy ýurda degişlidigi bilen bagly kesgitlenip bilner.**

Köp ýurtda raýatlyk iki esasy ýörelgä esaslanmak arkaly kesgitlenýär. Olaryň birinjisi topragyň hukugy (jus soli), ikinjisi gana bolan hukuk (jus sanguinis) bolup, uçarda doglan çaga şu ýörelgeler esasynda raýatlyk berilýär. «Jus soli» ýörelgesine görä, bir ýurduň howa giňişliginde ýa-da çäginde çaga dünýä inse, şol ýurduň raýatlygyny alýar. Bu ýörelge, esasan, ABŞ we Kanada ýaly ýurtlarda ulanylýar. Eger-de howa ulagy ABŞ-nyň çäginden uçup barýarka bäbek dünýä inse, ol çaga gürrüňsiz ABŞ-nyň raýaty bolýar. «Jus sanguinis» ýörelgesinde bolsa, çaganyň ata-enesiniň gelip çykyşyna baglylykda raýatlyk kesgitlenýär. Ýagny ikinji ýörelgä laýyklykda, bäbek hossarlarynyň raýatlygyny alýar. Eger-de çaganyň ata-enesiniň raýatlygy baradaky maglumatlar üýtgän bolsa, uçaryň bellige alnan ýurdunyň raýatlygyny alyp bilýär.

**Mysallar we durmuş hakykatlary**

Uçarda çaganyň dogulmagy durmuşda seýrek duş gelýän ýagdaý.



Munuň esasy sebäbi bolsa, awiakompaniýalaryň köpüsiniň göwreli zenanlaryň uçuşyny çäklendirmegi bilen baglanyşyklydyr. Adatça, alty aýlyk göwrelilikden soň zenanlara uçara münmäge rugsat berilmeýär. Maglumatlara salgylansak, 2019-njy ýylyň iýul aýynda Doha – Beýrut aralygyndaky uçuşda bir çaga dünýä indi. 2021-nji ýylyň sentýabr aýynda Stambul – Çikago aralygyndaky uçuşda ýene bir çaganyň buşluk habary alyndy. Şol ýylyň awgust aýynda Dubaý – Birmingem aralygyndaky howa gatnawynda ýene bir çaga dünýä indi. Geçen ýylyň aprel aýynda hem Daşkent – Stambul aralygyndaky howa gatnawynda täze doglan bäbejik baradaky habar köpçülige ýetirildi.

**Bäbekler uçarda näme üçin aglaýarlar?**

Howa ulagyndaky körpe ýolagçylar basyşyň üýtgemegi sebäpli kynçylyk çekip bilerler. Bu ýagdaý çaganyň hossarlarynyň keýpini gaçyryp, aljyraňňy ýagdaýa salmagy mümkin. Uçara münen çagalarda, esasan hem, bäbeklerde gulagynyň we kellesiniň agyrmagy ýaly alamatlar has köp duş gelýär. Howa syýahaty wagtynda ýüze çykýan basyşyň ýokarlanmagy islendik ýaşdaky ýolagça täsir edýär. Şol sebäpli ýolagçylara gaty süýji berilýändigi uçara münüp görenlere mälimdir. Basyşyň üýtgemegi gulak perdeleriniň doly açylmandygy sebäpli bäbeklere has kyn düşýär. Şol sebäpli çagalar uçarda özüni biynjalyk duýup aglap başlaýarlar.

Eşidiş turbalary orta gulagy (perde) bokurdak bilen birleşdirýär. Basyş üýtgände eşidiş turbalary ýapylýar we çeýnemek ýa-da ýuwdunmak arkaly açylýar. Şol sebäpli uçara münen çagalara emzik, emzikli çüýşede suw bermek maslahat berilýär. Çeýnemek ýa-da ýuwdunmak arkaly gulak perdeleri herekete gelip, gulagyň gapylmagy, gyjynmagy we ýüregiň bulanmagy ýaly alamatlaryň öňüni alyp bolýar. Mundan başga-da, uçarda barýan çagalara gaty süýji ýa-da lukmanyň bellän rahatlandyryjy serişdelerini berip bilersiňiz.

# Irdenmi ýa-da agşam ýuwunmaly?

**Wagtly-wagtynda şahsy arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek saglyk üçin möhüm şertleriň biridir. Adamlaryň aglaba bölegi her gün suwa düşmegiň tarapdary bolsa, köpler hepde-de bir ýa-da iki gezek ýuwunmagy makul bilýärler. Kopleriň aňynda bolsa agşam ýatmazdan öňmi ýa-da irden turup suwa düşmelimi diýen sorag ýüze çykýar. Howa şertine we saglyk ýagdaýyna baglylykda suwa düşmegiň wagtyny meýilleşdirip bolar. Geliň, irden ýa-da agşam suwa düşmegiň oňaýly we zyýanly taraplary bilen tanyş bolalyň!**

**Irden suwa düşmegiň oňaýly taraplary:**

Günüň şowly başlanmagyna ýardam edýändigi üçin köpler irden hammama girmegi dogry hasaplaýarlar. Ertirki duş bedenden bölünip çykan artykmaç maddalary we bakteriýalary aýyrmaga ýardam edýär. Irden suwa düşmek, esasan hem, tomus günlerinde bedeniňe rahatlyk berýär. Ýuwunmagy mylaýym suw bilen başlap sowuk suw bilen gutarmak adamyň işjeňligine we nerw ulgamynyň durnukly bolmagyna oňaýly täsir edýär.



**Agşam hammama girmegiň oňaýly taraplary:**

Irden suwa düşmegiň bedeni güýçlendiriji täsiriniň bolşy ýaly, agşam ýuwunmagyň hem köşeşdiriji täsiri bar. Agşam ýyly suwa ýuwunmaly. Ýyly suw bedeni rahatlandyryp, rahat uklamaga taýýarlaýar. Agşam suwa düşmek irden ýuwunmakdan has gowy bolup, derini bakteriýalardan we ýagly galyndylardan arassalamaga, günüň ýadawlygyny aýyrmaga, myşsalary gowşatmaga we rahat uklamak üçin bedeniň gyzgynlygyny deňleşdirmäge mümkinçilik berýär.

**Oňaýsyz taraplary:**

Howanyň sowuk günlerinde irden suwa düşmek saglyk üçin zyýanly hasaplanýar. Sebäbi çygly bedeniň, esasan hem, saçyň doly guramagy üçin birnäçe sagat wagt gerek. Saç guradyjy enjam ulanylan ýagdaýynda hem saçyň doly guramaýandygy unudylmaly däldir. Şol sebäpli irden ýuwnup daş çykmak sowuklama, dümewleme we kellagyry ýaly alamatlary döredip biler. Şeýle hem uzakly günüň dowamynda deriden bölünip çykýan der ýa-da ýag gatlaklaryny gijesine däl-de, irden ýuwnup aýyrmak ýalňyş usul hasaplanýar.

Agşam hammama girip, doly guramazdan bada-bat uklamak hem saglyk üçin zyýanlydyr. Esasan hem, zenan maşgalalaryň saçyny ýuwup, doly guratmazdan süpürgiç orap ýatmagy kelledäki öýjükleriň sowuklamasyna we zaýalanmagyna getirýär. Saçyň düýbündäki öýjüklere zeper ýetmegi bilen ýiti kellagyry, saçyň düşmegi ýaly alamatlar ýüze çykýar. Şol sebäpli, agşam suwa gireniňden soň saçyňy doly guratmaga üns bermeli. Çygly saç bilen uklamakdan saklanmaly. Esasan hem, gyş paslynda hammama girilenden soň, bedendäki çygy doly aýryp, pejiň başynda biraz oturyp, gyzgyn çaý içmeli.

Umuman, irden ýa-da agşam ýuwunmak saglyk ýagdaýyna we möwsüme görä üýtgeýär. Ýöne haçan ýuwnulanda hem bedeniň doly guramagyny, ýel öwüsýän ýere çykmazlygy we sowuk ýere girmezligi üpjün etmeli.

# ÇAGALAR

**Dünýäde kebelekleriň 20 müňden gowrak görnüşi ýaşaýar.**

## «Urmaz, sögmez – agladar»



**Aşhanada giňden ulanylýan gök önümleriň biri bolan soganyň dünýäde 20 töweregi görnüşi bar. Tagam sanawnamasynda sogansyz taýýarlanýan naharlar az bolup, islendik nahara azyndan bir sogan goşulýar. Şol sebäpli gök bakja önümleriniň arasynda sogany has köp arassalaýarys. «Urmaz, sögmez – agladar» diýlişi ýaly, soganyň gabygyny aýranymyzdan gözümizden ýaş akyp başlaýar. Ýakynlarymyzyň «Goý, aglama, aglanyňa degmez, kim göwnüňe degdi?» diýip, henek atmagyna garamazdan, sogany arassalap, dograp bolýançak «aglap oturýarys». Sogan näme üçin gözümize girýär? Näme üçin gözümizden ýaş bölünip çykmaga mejbur edýär?**

Soganlar maşgalasy iýilýän bölegi ýer astynda bitýän ösümlikler bolup, syçandyr, gemrijilerden goranmak üçin ýörite kislota bölüp çykarýar. Syn eden bolsaňyz, meýdanda gazylyp alnan soganyň gemrijiler tarapyndan gädilen ýerini gören dälsiňiz. Sogana guş ýa-da beýleki mör-möjekler hem degip bilmeýär. Sogan gabygyndan aýrylanda fermentleri we sulfen kislotasyny bölüp çykarýar. Bu birleşmeler gaz halyndaky propanetial S-oksidini



öndürýärler. Bu oksid göz bilen garşylaşanda gözýaş bölünip çykmagyna sezewar edýär. Propanetial S-oksidi gabaklary ýapýan we goraýan suw gatlagyna degende kükürt kislotasyna öwrülýär. Emma bu himiki täsirleşme göz üçin zyýansyzdyr. Sogan arassalananda gözdäki nerw damarlary gözi arassalamak üçin gözýaş öndürip başlaýarlar.

**Soganyň görnüşine bagly**

Soganyň ýiti tagamyna görä dürli görnüşi bar. Adatça ak sogan ýumşak hem-de göze az täsir edýär diýlip hasaplanýar. Gündelik durmuşda ulanylýan sary soganyň hem ýetişdirilen ýerine we hiline görä, ajylygy üýtgeýär. Bularyň iň ajysy gyzyl sogan hasaplanýar. Ýaňy köke duran, boglup satylýan ýaş soganyň hem ajyrak görnüşleri bolýar. Ýöne ýaş sogan gözüňi ýaşartmaýar.

**Nädip öňüni almaly?**

Sogan näçe suwly we ajy bolsa-da, göze täsir etmeginiň öňüni alyp bolýar. Ilki bilen sogan arassalananda uzak araçägi saklamaly. Soňra bolsa ony suwly gaba salyp, suwuň içinden alyp dogramaly. Arassalan wagtyňyzda soganyň suwy gözüňize syçrasa, akar suwda ýuwmaly. Eger-de, sogana göz gijilewügiňiz bar bolsa, gözüňize sowuk suwa ezilen esgi ýa-da hyýar dilimini goýmaly.

## Kebelekler nirä gidýärler?



**Bahar paslynyň gelmegi bilen peýda bolýan kebelekleri güýz aýlaryna çenli görmek bolýar. Howanyň sowamagy bilen bu owadan mör-möjekler ýitip gidýärler. Eýsem, kebelekler howanyň sowamagy bilen nirä gidýärler?**

Käbir kebelekler edil guşlar we beýleki janly-jandarlar ýaly howanyň sowamagy bilen ýyly ýurtlara göçüp gidýärler. Kiçidigine garamazdan, bu jandarlar paslyň çalyşmagy bilen uzak aralyklara uçýarlar. Şeýle görnüşli kebelekler Kanadada, ABŞ-da, Täze Zelandiýada we Günbatar Ýewropada ýaşaýar. Ganatynyň üsti çyzykly we nagyşly bu kebelekler bir ýylyň dowamynda dört nesil çalyşýarlar we ömrüni diňe syýahat edip geçirýärler. Bu kebelekleriň esasy aýratynlyklarynyň biri hem, ýolundan azaşman barmaly ýerine baryp bilýänligidir. Muňa «danaidae» kebelekleri mysal bolup, her ýylyň güýzünde ABŞ-dan we Kanadadan Meksikanyň ortasyna tarap 4 müň kilometrlik syýahata çykýarlar. Gyşyň gelmegi bilen uka gidip, dört aýdan soňra, baharyň gelmegi bilen oýanyp yzyna dolanýarlar.

Kebelekler görnüşine görä, 1 gün, 3 aý, 6 aý ýaşaýarlar. Owadan ganatly kiçijik uçujylaryň has uzak ýaşaýan görnüşleri hem bar. Kebelekleriň uzak wagt ýaşaýan käbir görnüşi sowukdan goranmak üçin öz daşyna pile saraýar. Şeýle pile agajyň gabygynyň aşagynda, şahasyndan sallanan ýagdaýda ýa-da topragyň astynda bolup bilýär. Käbir kebelekler bolsa gyşda agajyň gabyklarynyň aşagynda, ýaşaýyş jaýlarynyň we dürli binalaryň üçeklerinde gyş ukusyna gidýärler.

## KWOKKA – iň şadyýan jandar



**Ýer şarynyň iň çetki künjekleriniň biri bolan Awstraliýada we onuň töweregindäki adalarda täsin endemiki jandarlaryň birnäçesi ýaşaýar. Awstraliýanyň Rottnest we Bold adalarynda ýaşaýan kwokkalar hem şeýle täsin jandarlaryň biri hasaplanýar. Bu jandar «ýylgyryşy» we täsin hereketleri bilen adamlaryň ünsüni özüne çekýär. Şadyýan jandarlaryň biri bolan kwokkalar owadan ýylgyryşlary bilen dünýäde meşhurdyr. Bu jandaryň fotosuratyny ýa-da şekilini göreniňde, ýylgyranyňy duýman galýarsyň. Kwokkalar hem kengurular ýaly süýdemdirijileriň hordalylar maşgalasyna degişlidir. Edil kengurular ýaly iki aýagynda ýöreýän kwokkalaryň göwresiniň ulylygy 30 santimetre, agramy 2,5-5 kilograma ýetýär. 10 ýyla çenli ýaşaýan şadyýan jandarlar, esasan, gijesine hereketde bolýarlar. Ot bilen iýmitlenýän kwokkalaryň ýene bir aýratynlygy – olar ne kameradan, ne-de synlamaga baran adamlardan gorkýarlar. Hut şonuň üçin hem Rottnest adasyna gelen syýahatçylar olar bilen surata düşmezden yzyna dolanmaýarlar. Kwokkalar surata düşenlerinde kamera göni seredip, adamyň ýüz keşbine hem öýkünip bilýärler.**



**Labirint**



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**7 tapawudy tapyň!**





**Şekilli sudoku**

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende diklige we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.








Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Gazak edebiýatynyň düýbüni tutujy

10-njy oktýabrda Aşgabatda beýik gazak şahyry we akyldary Abaý Kunanbaýewiň ýadygärligi açyldy. «Laçyn» seýilgähinde geçirilen açylyş dabarasyna Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew gatnaşdy.




Abaý Kunanbaýewiň ýadygärliginiň açylmagy türkmen paýtagtynyň medeni durmuşynda möhüm waka boldy. Ol iki halkyň arasynda ruhy ýakynlygyň, dostlugyň we özara düşünişmegiň nyşanyna öwrüldi. Heýkeliň umumy beýikligi 7 metrden gowrakdyr. Heýkelde gazak şahyrynyň keşbi ussatlyk bilen şekillendirilipdir. Abaý Kunanbaýew häzirki zaman milli gazak edebiýatynyň düýbüni tutujy hökmünde öçmejek yz galdyrdy. Onuň eserlerinde öz halkynyň dünýägaraýşy, däp-dessurlary, ruhy dünýäsi açylyp görkezilýär.

Beýik şahyr, akyldar, filosof we alym Abaý 1845-nji ýylyň 10-njy awgustynda Gazagystanyň häzirki Semeý şäheriniň Židebaý diýen ýerinde çarwa maşgalada dünýä inýär. Ilki mugallym tutulyp, ýörite öýde okadylan Abaý soňra Semeýdäki Ahmet Ryza medresesinde okuwyny dowam etdirýär. Şol bir wagtyň özünde ol rus mekdebinde hem okaýar. Medresede dört ýyl okan Abaý 1858-nji ýylda medresäni taşlamaly bolýar. Soňra ol 1873-nji ýyla çenli dolandyryş edaralarynyň birinde işläp, ýurduň dürli künjeklerinde saparda bolýar. Şol döwürde ol halky sowatlylyga çagyrýan birnäçe goşgulary we makalalary ýazyp, milli medeniýetiň we sungatyň ösmeginde uly işleri bitirýär.

Abaý Kunanbaýew terjimeçilik bilen meşgullanyp, belli rus ýazyjylarynyň eserlerini gazak diline terjime edýär. Şahyr özüniň edebi mirasynyň köptaraplylygy, çeperçilik taýdan kämilligi, halky dilde ýazylanlygy bilen tapawutlanyp, Gazagystanda ýazuwly edebiýatyň düýbüni tutujy hasaplanýar. Ol Fizuly, Nowaýy, Ferdöwsi, Nyzamy ýaly şahyrlara eýerip, gazak edebiýatynyň Gündogaryň nusgawy edebiýatynda mynasyp orun almagyna aýratyn uly goşant goşýar. Onuň 200-e golaý şygry, 3 dessany, 45 sany ululy-kiçili kyssa eseri we birnäçe terjime işleri bar. Abaý Kunanbaýewiň häzirki zamanyň okyjylary üçin ylham çeşmesi bolup hyzmat edýän eserlerinde, esasan, tebigat, agzybirlik, söýgi, bilim almak, mertlik ýaly meseleler gozgalýar. Onuň eserleri dünýäniň dürli dillerine terjime edildi. Abaý Kunanbaýew 1904-nji ýylyň 23-nji iýulynda aradan çykýar.

**Aýbölek BERDIÝEWA,**
*Arkadag şäheriniň döwlet arhiwiniň ylmy-maglumat toplumy boýunça uly ylmy işgäri.*

# 2026-njy ÝYLYŇ KITAP PAÝTAGTY

Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) Marokkonyň paýtagty Rabaty 2026-njy ýylyň Bütindünýä kitap paýtagty hökmünde saýlady.

– Rabat medeniýetleriň möhüm çatrygynda ýerleşip, bu ýerde kitaplar dürli bilimleriň we sungatyň ýaýramagynda ýardam berýär – diýip, ÝUNESKO-nyň Baş direktory Odre Azule belledi. Onuň pikirinçe, patyşalygyň kitap pudagy çalt ösýär, bu hem ýerli bilimiň hiline oňyn täsir edýär.

Mundan başga-da, ÝUNESKO-nyň wekilleri Bütindünýä kitap paýtagty derejesiniň «hökümet edaralary bilen raýat jemgyýetiniň arasyndaky gatnaşyklary güýçlendirjekdigine ynam bildirýärler. Bu bolsa, «okyjylaryň inklýuziw we deňhukukly jemgyýetini» gurmaga ýardam berer.

Marokkonyň Medeniýet ministrliginiň wekilleri öz gezeginde ÝUNESKO-nyň bu kararynyň «medeni mirasyň baýlygyny görkezmäge we kitaplaryň uniwersal dili arkaly medeniýetleriň arasyndaky gepleşiklere goşant goşjak innowasion çäreleri guramaga mümkinçilik döretjekdigini» bellediler.

Rabatyň häkimiýetleri okamagy we ýerli neşirýat pudagyny goldamagy maksat edinýän birnäçe çäräni guramagy meýilleşdirýär. Ýatlap geçsek, ÝUNESKO her ýyl Halkara neşirýatçylar birleşigi, Kitaphanalar birleşikleriniň we guramalarynyň Halkara federasiýasy hem-de Halkara kitap satyjylar federasiýasy bilen bilelikde 2001-nji ýyldan bäri Bütindünýä kitap paýtagtyny saýlaýar. 2024-nji ýylda Fransiýanyň Strasburg şäheri Bütindünýä kitap paýtagty hökmünde saýlandy, 2025-nji ýylda bolsa, Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäheri şeýle derejä eýe boldy.

Häzirki wagtda Rabatda 54 neşirýat öýi işleýär. Bu ýerde Afrikada üçünji uly halkara kitap we neşirýat ýarmarkasy geçirilip, kitap dükanlarynyň sany barha artýar. Şäheriň kitap pudagy diňe bir döredijilik ykdysadyýetiniň möhüm bölegi bolman, eýsem bilimiň ösmegine hem goşant goşýar. 2026-njy ýylda Bütindünýä kitap paýtagty boljak Rabat şäheri kitaplara elýeterliligi artdyrmak we ýerli neşirýat pudagyny goldamak arkaly birnäçe başlangyçlary durmuşa geçirer. Hususan-da, şäher häkimligi ähli ýaşaýjylaryň sowatlylygyny ýokarlandyrmak üçin esasy maksatnama hödürlär. Çäräniň açylyş dabarasy 2026-njy ýylyň 23-nji aprelinde Bütindünýä kitap we awtorlyk hukugy güni bolar.



**Arzygül ÇARYÝEWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollamurt adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# Paýhaslar

☑ Eger-de meseläni çözüp bolýan bolsa, bu barada alada etmegiň zerurlygy ýok, eger-de çözüp bolmaýan bolsa, alada etmegiň peýdasy ýok.
**Tibet nakyly.**

☑ Haçan-da adam haýsy gämi duralgasyna tarap barýandygyny bilmese, hiç bir ýel oňa ugurdaş bolup bilmez.
**Seneka.**

☑ Aslynda durmuş ýönekeý, ýöne biz ony çylşyrymlaşdyrýarys.
**Konfusiý.**

☑ Üstünlikli adam bolmaga tagalla etmäň, gymmatly adam bolmaga çalşyň!
**Albert Eýnşteýn.**

☑ Diňe özüňiziň başarjakdygyňyza ynanmaly, şonda maksadyňyzyň deň ýarysyna ýetdigiňizdir.
**Teodor Ruzwelt.**

☑ Haçan-da, emele gelen ýagdaýy üýtgedip bilmesek, onda biz özümizi üýtgetmeli.
**Wiktor Frankl.**

☑ Siziň öz maksatlaryňyza ýetip, näme gazanýanyňyz onçakly wajyp däl-de, kim bolup ýetişýänligiňiz möhüm.
**Zir Ziglar.**

☑ Siz ýeňiş gazanmak üçin bir gezekden köp tutluşmaly däl bolmagyňyz hem mümkin.
**Margaret Tetçer.**

☑ Diňe bilmek ýeterlik däl, bilimleri ulanmaly. Bir zady islemek ýeterlik däl, muny ýerine ýetirmeli.
**Leonardo da Winçi.**

☑ Bize zehiniň ýöne ýere berilmeýändigine ynanmaly we islendik baha bilen ony bir zat üçin ulanmaly.
**Mari Kýuri.**

☑ Şowsuzlyk, täzeden başlamak üçin bir mümkinçilik, ýöne has akylly-başly.
**Genri Ford.**

☑ Wagtym ýok diýmäň. Beýik adamlarda näçeräk wagt bolan bolsa, sizde-de şonça wagt bar.
**Jekson Braun.**

☑ Şowly adam, şowsuzlaryň ýerine ýetirmek islemeýän endiklerini ösdürýär.
**Tomas Edison.**

☑ Düýnki güni gaýtaryp getirmek bize berilmändir, ýöne ertirki boljak zatlar özümize bagly.
**Lindon Jonson.**

☑ Ahli arzuwlarymyz hasyl bolup biler, eger olara ýetmäge batyrlygymyz bar bolsa.
**Walt Disneý.**

# Romanyň ikinji jildi dikeldiler

Meşhur rus ýazyjysy Nikolaý Gogolyň meşhur «Öli janlar» romanynyň ikinji jildi «GigaChat» neýroulgamy arkaly ýazylar. Taslama ýazyjynyň mirasy boýunça hünärmenler hem gatnaşar.

«GigaChat» neýroulgamy Gogolyň gahrymanlarynyň sýužet ugurlaryny we keşplerini dikeltmek üçin taryhçylar, ýazyjylar we terjimehal düzüjiler tarapyndan tälim aldy. Olar emeli aňy ýazyjynyň eserleri, usuly, arhiwi, hatlary, ikinji jildiň galan bölümleri we garalamalary bilen tanyşdyrdylar. Neýroulgam tehnologiýalary boýunça hünärmenler bilen ylmy we edebi jemgyýetiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň netijesinde okyjylar eseriň dowamyny okap bilerler.

1842-nji ýylda «Öli janlar» romanynyň birinji jildi neşir edilýär. Edebiýatşynaslaryň pikirinçe, «Öli janlar» rus edebiýatynyň iň möhüm eserlerinden biridir. Nikolaý Gogol ömrüniň ahyrynda ruhy hassalykdan ejir çekip, 1852-nji ýylyň 11-12-nji fewraly gijesinde neşir edilmäge taýýarlanan «Öli janlaryň» ikinji jildiniň golýazmalaryny oda ýakýar. Neşirleriň taslamasy bilen baglanyşykly bäş bap doly däl görnüşde saklanyp galypdyr.



«GigaChat» Nikolaý Gogolyň döredijiligine, awtorynyň usulyna we saklanyp galan garalamalaryna esaslanyp, öz nusgasyny döreder. Bilermenleriň aýtmagyna görä, taslama diňe ýitirilen eseri janlandyrmaga däl-de, eýsem rus edebiýatyny öwrenmäge hem ýardam berer.

# Nobel baýragy Han Gana berildi

10-njy oktýabrda Şwesiýanyň Ylymlar Akademiýasynyň Nobel komiteti 2024-nji ýylyň edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesini mälim etdi. Şu ýyl baýrak «taryhy şikeslere garşy durýan we adamzat durmuşynyň näzikligini açyp görkezýän baý şahyrana prozasy» üçin günorta koreýaly ýazyjy zenan Han Gana berildi.



«Edebiýat boýunça baýragyň eýesi Han Ganyň adatdan daşary durmuş wakalaryna fiziki duýgudaşlygy barha täsirli metafora usuly bilen güýçlendirilýär» diýip, Şwesiýa akademiýasynyň web saýtynda bellenilýär.

Han Gan ýurduň belli ýazyjysy Han Synwonyň gyzydyr. Onuň dogany Han Dollim hem ýurtda tanymal ýazyjylaryň biri. Han Gan «Seniň sowuk elleriň» (2002), «Grek diliniň sapaklary» (2011), «Ynsan etmişleri» (2014) we «Men hoşlaşmaýaryn» (2021) ýaly romanlaryň awtorydyr.

Han edebiýat baýragyny alan ilkinji günorta koreýaly ýazyjy zenandyr. 53 ýaşly Han Gan ilki öz goşgulary bilen ýurduň žurnallarynda çykyş edip başlaýar, 1995-nji ýyldan soň bolsa, gysga hekaýalary bilen tanalyp ugraýar. Ol soňra has uzyn kyssa eserlerini ýazyp başlaýar, esasanam, iňlis diline terjime edilen ilkinji kitaplaryndan biri bolan «Wegetarian» (2007) atly romany oňa uly meşhurlyk getirýär. Bu roman 2016-njy ýylda Halkara Buker baýragyna mynasyp boldy.

Han Gan Günorta Koreýada edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesi diýlip yglan edilenden soň, eserlerine uly isleg bildirilýär. Häzirki wagtda ýurduň öňdebaryjy onlaýn dükanlarynda onuň kitaplary satuw boýunça öňdäki orny eýeleýär.



**DIKLIGINE:** **1.** Sygyr sürüsi. **2.** Bezzat. **3.** Halkara Boks Guramasy. **4.** X - XII asyrlarda Amul - Ürgenç aralygynda söwdagärleriň araçäk duralgasy. **5.** «Gyzyl» sözüniň iňlisçesi. **6.** «Şöhlat» sözüniň rusçasy. **7.** Pul birligi. **10.** Her bir zada razy. **11.** Hemişeki ýaly. **14.** Ygtyýarsyz, rugsatsyz. **16.** Ýabany doňuz. **20.** Bäbek gundalanda ulanylýan mata. **22.** Obalylaryň wekilleri tarapyndan saýlanýan oba häkimi. **23.** Gymmatly metallary suw astyndan çykarýan enjam. **25.** Deň esasda işlemek. **28.** Uçaryň bir görnüşi. **30.** Aýry-aýry awtorlaryň iň saýlama eserleriniň ýygyndysy. **31.** Ysgyn, güýç. **32.** Nesibe. **33.** Bir urugdan bolan. **37.** Gumda bitýän, çalymtyl reňkli, ownuk pürli, gara sazak. **39.** Oglan ady. **41.** «Dost ilinden awaraýam,/Gel, gör, meni ... neýledi» (Ýunus Emre). **42.** Agyry, ynjy.

**KESELIGINE:** **2.** Üzümiň inçe uzyn görnüşi. **8.** «Eje» sözüniň rusçasy. **9.** Oý, çöket ýer. **10.** Slawýan Täze ýyl baýramçylygy. **12.** Ýurdumyzda dynç alyş zolagy. **13.** Aýagyň tutuşlygyna ýere basýan aşak ýüzi. **15.** Bakja ekini. **17.** «Owlak dogsa, ... bile, ogul dogsa ody bile» (Paýhas çeşmesi). **18.** Birden, tasdan. **19.** Gar, ýagyş görnüşinde asmandan ýagýan ýagyn. **21.** Gaýnaýan suwuklykdan çykýan ses. **24.** Süňk bilen oýnalýan milli oýun. **26.** Söwda-satyk bilen meşgullanýan adam. **27.** Gije ýakylýan ýiti şöhleli çyra. **29.** Galyň bolmadyk. **31.** Gyradeň, birsydyrgyn. **33.** Başarnyk. **34.** Ýer paýlaşygynda araçäge goýulýan bellik. **35.** Awstraliýanyň iň uly köli. **36.** Galyň pagta mata. **37.** Agyz beklemek däbi. **38.** Janypkeşlik bilen, çyn ýürekden, düýpli. **40.** Biri-birine laýyk. **43.** Şaýylyk pul (köne söz). **44.** ...-bäri. **45.** Heýkel ýasaýan ussa.

## 50-nji KROSSWORD

**Jemşit ATAÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

**Arslan BORJAKOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 44-nji SKANWORD




**48-nji krosswordyň jogaby:**



**49-njy krosswordyň jogaby:**



**42-nji skanwordyň jogaby:**



**43-nji skanwordyň jogaby:**





Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# 4 ýygyndy ýeňlişsiz ýoluny dowam edýär

**Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklarynyň çäginde Aziýa zolagynyň 3-nji tapgyrynyň nobatdaky duşuşyklary geçirildi.**

**«A» toparçada** Özbegistanyň ýygyndysy Eýranyň ýygyndysy bilen golsuz deňme-deň oýnady. Olar 2-nji duşuşyklarynda – Özbegistan BAE-ni Şukurowyň penaltiden geçiren goly esasynda 1–0, Eýran bolsa Katary 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda Eýranyň gollarynyň 2-sini Serdar Azmun, beýleki 2-sini bolsa Mohammad Mohebi geçirdi. Katardan 3–1 hasabynda ýeňlen Gyrgyzystan öz meýdançasynda Demirgazyk Koreýanyň ýygyndysyny Kristian Brauzmanyň 11-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda utdy.

**«B» toparçada** Günorta Koreýanyň ýygyndysy 2 duşuşykda-da ýeňiş gazanmagy başardy. Myhmançylykda Iordaniýany 2–0 hasabynda ýeňen Günorta Koreýanyň ýygyndysyna öz meýdançasynda Yragy ýeňmek ýeňil düşmedi. 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan koreýleriň gollaryny O Se-Hun (41), 1-nji oýunda-da tapawutlanan O Hýeon-Gýu (74) bilen Li Žae Sun (83) geçirdi. Yragyň ýygyndysy 1-nji oýunda Palestinany Husseýniň ýeke-täk





goly bilen ýeňipdi. Husseýn koreýleriň derwezesindenem toparynyň 1-nji goluny geçirdi. Kuweýti 4–0 hasabynda ýeňen Oman 2-nji duşuşygynda Iordaniýadan şol hasap bilen ýeňildi. Katarda Kuweýt bilen duşuşan Palestinanyň ýygyndysy 90+3-nji minutdaky Kunbaryň goly esasynda ýeňlişden halas boldy (2–2).

**«C» toparçada** Ýaponiýanyň ýygyndysy myhmançylykda Saud Arabystanyny Kamada we Ogawanyň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. Ýaponiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Awstraliýa bilen duşuşyp, 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Bu duşuşykda 9 oýundan soň ilkinji gezek gol geçirden Ýaponiýa 2 utuk ýitirdi. Duşuşykda 2 topary goly hem awtogol bolup, Awstraliýanyň adyndan ýaponiýaly Taniguçi 58-nji minutda, Ýaponiýanyň adyndanam 76-njy minutda Burgess ýalňyşlyk bilen topy öz derwezelerinden girizdi. Awstraliýa 1-nji duşuşygynda Hytaýy Milleriň, Gudwiniň hem-de Welipulleýiň gollary esasynda 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Saud Arabystanynyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda öz meýdançasynda Bahreýn bilen duşuşyp, golsuz deňme-deň oýnady. Roberto Mançininiň şägirtlerinden Salem Al-Dowsari duşuşygyň 20-nji minutynda penaltini dürs urup bilmedi.







| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | EÝRAN | 4 | 3 | 1 | 0 | 6-1 | 10 |
| 2 | ÖZBEGISTAN | 4 | 3 | 1 | 0 | 5-2 | 10 |
| 3 | BAE | 4 | 1 | 1 | 2 | 4-4 | 4 |
| 4 | KATAR | 4 | 1 | 1 | 2 | 7-10 | 4 |
| 5 | GYRGYZYSTAN | 4 | 1 | 0 | 3 | 4-7 | 3 |
| 6 | D. KOREÝA | 4 | 0 | 2 | 2 | 3-5 | 2 |

Özbegistan—Eýran: 0–0, Katar—Gyrgyzystan: 3–1, BAE—D. Koreýa: 1–1; Özbegistan—BAE: 1–0, Eýran—Katar: 4–1, Gyrgyzystan—D. Koreýa: 1–0

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | G. KOREÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 8-3 | 10 |
| 2 | IORDANIÝA | 4 | 2 | 1 | 1 | 8-4 | 7 |
| 3 | YRAK | 4 | 2 | 1 | 1 | 4-3 | 7 |
| 4 | OMAN | 4 | 1 | 0 | 3 | 5-8 | 3 |
| 5 | KUWEÝT | 4 | 0 | 3 | 1 | 3-7 | 3 |
| 6 | PALESTINA | 4 | 0 | 2 | 2 | 3-6 | 2 |

Iordaniýa—G. Koreýa: 0–2, Oman—Kuweýt: 4–0, Yrak—Palestina: 1–0; G. Koreýa—Yrak: 3–2, Iordaniýa—Oman: 4–0, Palestina—Kuweýt: 2–2

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ÝAPONIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 15-1 | 10 |
| 2 | AWSTRALIÝA | 4 | 1 | 2 | 1 | 4-3 | 5 |
| 3 | S. ARABYSTANY | 4 | 1 | 2 | 1 | 3-4 | 5 |
| 4 | BAHREÝN | 4 | 1 | 2 | 1 | 3-7 | 5 |
| 5 | INDONEZIÝA | 4 | 0 | 3 | 1 | 4-5 | 3 |
| 6 | HYTAÝ | 4 | 1 | 0 | 3 | 4-13 | 3 |

Awstraliýa—Hytaý: 3–1, S. Arabystany—Ýaponiýa: 0–2, Bahreýn—Indoneziýa: 2–2; Ýaponiýa—Awstraliýa: 1–1, Hytaý—Indoneziýa: 2–1, S. Arabystany—Bahreýn: 0–0




## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

<u>18-nji oktýabr (anna)</u>

Borussiýa D – Sankt-Pauli (23:30)
Monako – Lill (23:45)

<u>19-njy oktýabr (şenbe)</u>

**Tottenham – West Ham (16:30)**
Spartak – Krasnodar (18:30)
**Baýer – Aýntraht (18:30)**
M. Ýunaýted – Brentford (19:00)
Milan – Udineze (21:00)
Bornmut – Arsenal (21:30)
**Bawariýa – Ştutgart (21:30)**
Žirona – Real Sosiedad (21:30)
AZ – PSW (21:45)
**Ýuwentus – Lasio (23:45)**
Selta – Real Madrid (00:00)
PSŽ – Strasbur (00:00)

<u>20-nji oktýabr (ýekşenbe)</u>

Empoli – Napoli (15:30)
Wulwerhempton – Man. Siti (18:00)
**Liwerpul – Çelsi (20:30)**
**Roma – Inter (23:45)**
Barselona – Sewilýa (00:00)

<u>21-nji oktýabr (duşenbe)</u>

N. Forest – K. Palas (00:00)

# Ikisi-de finalda Olimpiýa çempionlaryny ýeňdi

**Hytaýda geçirilen «Masters» tennis ýaryşlarynda erkekleriň arasynda Ýannik Sinner, zenanlardan Aryna Sabalenka çempion boldy. Olaryň ikisi-de finalda Pariž Olimpiadasynyň ýekeleýin ýaryşlardaky çempionlaryny ýeňlişe sezewar etdi. Iki tennisçi-de karýeralaryndaky ýekeleýin ýaryşlarda 17-nji kubogyny gazandy.**





Hytaýyň Şanhaý şäherinde geçirilen erkekleriň arasyndaky «Masters» ýaryşynda sanawyň 1-nji belgili tennisçisi, italiýaly Ýannik Sinner ýeňiji boldy. Ol 1 sagat 37 minutlap dowam eden finalda Pariž 2024-iň çempiony, serbiýaly Nowak Jokowiçi 2 setiň dowamynda 7:6 we 6:3 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu ýerde ýeňiji bolan iň ýaş tennisçi adyny alan 23 ýaşyndaky Sinner şu möwsümde 2-si «Uly tuwalga» 7 ýaryşda çempionlyk gazandy. Ol finala çykan ýaryşlarynyň diňe birinde («Hytaý Açyk») ýeňlişe sezewar boldy. Sinneriň karýerasynda 17 çempionlyk bar. Umumy baýrak gaznasy 8,995 million dollara deň bolan ýaryşda Sinner ýeňiji hökmünde 1,262 million dollarlyk pul baýragy bilen sylaglandy.

13-nji gezek geçirilen Şanhaý «ATP Masters 1000» ýaryşynda Jokowiç ilkinji gezek finalda ýeňildi. Ol bu ýaryşda 4 gezek (2012, 2013, 2015, 2018) çempionlyk gazanypdy.

Hytaýyň Uhan şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «WTA 1000» bäsleşiginde sanawyň 2-nji belgili tennisçisi Aryna Sabalenka çempion boldy. Ol finalda Pariž 2024-iň çempiony, hytaýly Çžen Sinweni 2 sagat 41 minutlap dowam eden 3 setde – 6:3, 5:7, 6:3 hasaplar bilen ýeňmegi başardy. Bu onuň «Uhan Açykdaky» bassyr 3-nji çempionlygy bolup, ol 2018-nji we 2019-njy ýyllarda-da ýeňiş gazanypdy. Ýaryş 2020-2023-nji ýyllar aralygynda pandemiýa sebäpli geçirilmändi. Sabalenka şu möwsümde 2-si «Uly tuwalga» 4-nji, karýerasyndaky 17-nji WTA çempionlygyny gazandy.



# Çikagoda dünýä rekordy täzelendi

Her ýyl geçirilýän 6 uly marafon ýaryşynyň biri bolan Çikago marafonynda keniýalylar ýeňiş gazanyp, dünýä rekordy hasaba alyndy.

46-njy gezek geçirilen ýaryşda zenanlaryň arasynda keniýaly Rut Çepngetiç dünýä rekordyny goýdy. Ol 42,196 kilometr aralygy 2 sagat 9 minut 56 sekuntda tamamlap, dünýä rekordyny täzeledi. Zenanlaryň arasyndaky ozalky rekord efiopiýaly Tigst Assefa degişlidi. Ol geçen ýyl Berlin marafonynda 2 sagat 11 minut 53 sekuntda ýaryşy tamamlapdy. Rekordy 2 minuta golaý ösdüren 30 ýaşyndaky Çepngetiç Çikago marafonynda 2021-nji we 2022-nji ýyllarda ýeňiji bolupdy.

Ýaryşda Çepngetiçden soň efiopiýaly Sutume Kebede 2-nji, keniýaly Irine Çeptai 3-nji ýeri eýeledi. Kebede ýeňijiden 7 minut 36 sekunt, Çeptai bolsa 7 minut 55 sekunt giç pellehana geldi.

Erkekleriň arasynda keniýaly Jon Korir 2 sagat 2 minut 4 sekuntda pellehana gelip, 1-nji orna mynasyp boldy. 2 sagat 4 minut 39 sekuntda ýaryşy tamamlan efiopiýaly Mohamed Esa 2-nji, 2 sagat 4 minut 50 sekuntda pellehanadan geçen keniýaly Amos Kipruto 3-nji orny eýeledi.

Bu ýyl Çikago marafonyna 50 müňden gowrak türgen gatnaşdy.

# Yzly-yzyna 4-nji gezek çempionlyk gazanan 2-nji türgen

«Monuments» ady bilen dünýä belli bolan welosport boýunça bir günlük ýol ýaryşynyň soňky, 5-nji bäsleşiginde – «Giro di Lombardia»-da (Italiýa) sloweniýaly Tadeý Pogaçar ýeňiş gazandy. Ol 255 kilometrlik ýaryşy 6 sagat 4 minut 58 sekuntda tamamlamagy başardy. 118-nji gezek geçirilen ýaryşyň soňky 48 kilometrinde öňe saýlanan «UAE Team Emirates» toparynyň türgeni bassyr 4-nji gezek çempionlyk gazandy. Şeýlelikde, Pogaçar 75 ýyllyk rekordy täzeläp, italiýaly Fausto Koppiden soň «Giro di Lombardia»-da yzly-yzyna 4 çempionlyk gazanan 2-nji türgen boldy. 26 ýaşyndaky Pogaçar bu bäsleşikde Fausto Koppiden (1946-47-48-49, 1954) hem-de Alfredo Bindadan (1925-26-27, 1931) soň 4 çempionlyk gazanan 3-nji welosportçy hökmünde hasaba alyndy.



Ýaryşda Pogaçardan 3 minut 16 sekunt yza galan belgiýaly Remko Ewenepoel («Soudal–Quick-Step») 2-nji, 4 minut 31 sekunt soň pellehana gelen Julio Çiççone («Lidl-Trek») 3-nji orny eýeledi.

2024-nji ýyl Tadeý Pogaçar üçin diýseň uly üstünliklere beslendi. Sloweniýaly türgen şu ýylyň dowamynda Italiýa hem-de Fransiýa welosiped ýaryşlaryndaky ýeňşiniň üstüni Dünýä çempionatynyň çempionlygy bilen ýetirip, «triple-crown» derejesini gazandy. Pogaçar belgiýaly Eddi Merks hem-de Stefen Roçeden soň bu başarnygy görkezen 3-nji türgen diýlip bellige alyndy.

# GERMANIÝA BILEN ISPANIÝA ILKINJI ÇÄRÝEK FINALÇYLAR

**UEFA Milletler Ligasynyň 2024/25 möwsüminiň toparçalardaky duşuşyklary tamamlanyp barýar. Geçirilen 3-4-nji duşuşyklardan soň 2 ýygyndy — Germaniýadyr Ispaniýanyň ýygyndylary çärýek finala çykmagy başardy. Portugaliýanyň, Italiýanyň hem-de Fransiýanyň ýygyndylaryna-da 1 utuk ýeterlik bolar.**

**«A» Liganyň 1-nji toparçasynda** Portugaliýanyň ýygyndysy myhmançylykda Polşany Bernardo Silwa (26), Kristiano Ronaldo (37) hem-de Bednarekiň (88 ö.d.) gollary esasynda 3–1 hasabynda ýeňdi. Ronaldo milli ýygyndylaryň arasynda 200-nji ýeňşini gazanan ilkinji erkek futbolçy hökmünde taryha girdi. Portugaliýa 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Şotlandiýa bilen golsuz deňme-deň oýnady. Şotlandiýany 2-1 hasabynda ýeňen Horwatiýa myhmançylykda Polşa bilen deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdy. Polýaklar 5-nji minutda Zielinskiniň goly bilen hasaby açsa-da, horwatlar 7 minutda 3 gol (Sosa 19, Suçiç 24, Baturina 26) bilen jogap berdi. Zalewski 45-nji, Şimanski 68-nji minutlarda tapawutlandy we duşuşyk 3–3 hasabynda deňlikde tamamlandy.

**2-nji toparçada** Italiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Belgiýa bilen duşuşyp, Kambiasonyň 1-nji hem-de Reteginiň 24-nji minutlardaky gollary bilen 2–0 öňe saýlandy. Ýöne 38-nji minutda Lorenzo Pellegrininiň gyzyl kart almagyndan soň italýanlar üstünligini gorap bilmediler. Belgiýanyň ýygyndysy De Kuýper (42) hem-de Trossaryň (61) gollary bilen hasaby deňledi. Fransiýanyň ýygyndysy bolsa Budapeştde Ysraýylyň ýygyndysyny 4–1 hasabynda utdy. Fransuzlara ýeňiş getiren gollary Kamawinga (7), Nkunku (28), Genduzi (87) hem-de Barkola (89) geçirdi.

Italiýanyň ýygyndysy hem Ysraýyly 4–1 hasabynda ýeňmegi başardy. Italýanlaryň gollaryny Retegi (1 p), Di Lorenzo (54, 79) hem-de Frattesi (72) derwezä girizdi. Duşuşykda 73-nji minutda oýna giren Daniel Maldini Italiýanyň ýygyndysy bilen ilkinji duşuşygyny geçirdi. Ol Çezare Maldininiň agtygy, rowaýaty oýunçy Paolo Maldininiň ogly bolup, Italiýanyň ýygyndysynda atasyndan, kakasyndan











soň oýnan ilkinji futbolçy hökmünde hasaba alyndy.

Fransiýanyň ýygyndysy bolsa myhmançylykda Belgiýany Kolo Muaniniň 35-nji (p) hem-de 62-nji minutdaky gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. Belgiýanyň ýeke-täk goluny Openda (45+3) öz adyna ýazdyrdy. Oýnuň 23-nji minutynda Belgiýadan Tilemans penaltini dürs urup bilmedi. Şeýle-de 76-njy minutda Fransiýadan Tçuameni gyzyl kart aldy.

Bu duşuşyklardan soň, Italiýa bilen Fransiýanyň ýygyndylary çärýek finala çykmak üçin uly mümkinçilik gazandylar. Ikisine-de galan 2 oýunda 1 utuk gazanmak ýeterlik bolar.

**3-nji toparçada** Germaniýanyň ýygyndysy myhmançylykda Bosniýanyň ýygyndysyny Deniz Undawyň (30, 36) gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Germaniýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Münhende Niderlandlaryň ýygyndysyny Lewelingiň 64-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňip, çärýek finala çykan ilkinji topar boldy.



Randal Kolo Muani

Wengriýanyň ýygyndysy myhmançylykda Bosniýany Soboslainiň gollary (38, 50 p) bilen 2–0 hasabynda ýeňip, çärýek finala çykmak mümkinçiligini saklaýar. Olar bu duşuşykdan öň Niderlandlar bilen öz meýdançasynda 1–1 hasabynda deňme-deň oýnapdylar (Şallai 32 — Dumfris 83).

**4-nji toparçada** Daniýany Zubimendiniň 79-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňen ispanlar Kordoba şäherinde Serbiýanyň derwezesinden jogapsyz 3 pökgi girizdi. Gollary 5-nji minutda Laport, 65-nji minutda Morata (54-nji minutda penalti salyp bilmedi) hem-de 77-nji minutda Aleks Baena geçirdi. Myhmançylykda Serbiýadan 2–0 (Elwedi 45+1 ö.d., Mitrowiç 61) hasabynda asgyn gelen Şweýsariýa öz meýdançasynda Daniýa bilenem deňme-deň oýnady (2–2; Froýler 26, Amduni 45+1 p — Isaksen 27, Eriksen 69).

**«B» Liganyň 1-nji toparçasynda** Çehiýa Albaniýany Çoriniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Wroslawda Ukraina bilen duşuşan çehler 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady (Dowbyk 52 p — Çerw 18). Gruziýanyň ýygyndysy ilki myhmançylykda Ukrainadan, soňra öz meýdançasynda Albaniýadan 1–0 hasaplar bilen asgyn gelip, 6 utukda galdy. Duşuşyklarda Ukrainanyň adyndan Mudryk (35), Albaniýanyň adyndanam Asslani (48) tapawutlandy.

### GRESIÝANYŇ ILKINJI ÝEŇŞI

**2-nji toparçada** Angliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Gresiýadan 2–1 hasabynda utuldy. Taryhynda ilkinji gezek Angliýany ýeňen grekleriň gollarynyň 2-sini hem 49-njy we 90+4-nji minutlarda Pawlidis derwezä girizdi. Iňlisler 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Finlýandiýany Grilişiň, Aleksander-Arnoldyň hem-de Raýsyň gollary esasynda 3–1 hasabynda utdy. Gresiýanyň ýygyndysy bolsa finleri myhmançylykda 2–1 hasabynda ýeňen irlandlaryň derwezesinden jogapsyz 2 gol geçirdi. Gollary Bakasetas bilen Mantolas öz atlaryna ýazdyrdylar.

### IŇ KÖP GOL GEÇIREN NORWEGIÝALY

3-nji toparçada Norwegiýanyň ýygyndysy Sloweniýany Holann (7, 62) hem-de Sörlotyň (52) gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda 2 gol geçiren Erling Holannyň milli topardaky gollarynyň sany 34-e ýetdi we 87 ýyllyk rekordy täzeledi. 36 oýunda 34 gol geçiren Holann Norwegiýanyň ýygyndysynyň iň köp gol geçiren oýunçysy bolup, ol 1928–1937-nji ýyllarda milli toparda oýnan Ýurgen Ýuweniň rekordyny öz adyna geçirdi. Norwegiýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Awstriýadan 5–1 hasabynda utuldy. Duşuşykda Arnautowiç 2 gol geçirdi. Stanislaw Çerçesowyň tälimçiligindäki Gazagystanyň ýygyndysy ilki Awstriýadan 4–0, soňra öz meýdançasynda Sloweniýadan 1–0 hasabynda utuldy.



Erling Holann

4-nji toparçada Türkiýäniň ýygyndysy öz meýdançasynda Garadagy Irfanjan Kahwejiniň ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňip, myhmançylykda-da Islandiýadan 4–2 hasabynda üstün çykdy. Taryhynda ilkinji gezek Islandiýany myhmançylykda ýeňmegi başaran türkleriň gollaryny Kahweji (62), Çalhanoglu (67 p), Arda Güler (88) hem-de Kerem Aktürkoglu (90+5) geçirdi. Ýer eýelerinden Oskarsson (3) bilen Gudýonsen (83) tapawutlandy. Islandiýa bilen deňme-deň (2–2) oýnan Uels öz meýdançasynda Wilsonyň penaltiden geçiren ýeke-täk goly esasynda Garadagy utmagy başardy.

**«C» Liganyň 1-nji toparçasynda** Slowakiýa bilen deňme-deň oýnan Şwesiýa myhmançylykda Estoniýany 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 2-nji toparçada 38 ýyldan soň täzeden Mirçea Luçeskuny tälimçilige bellän Rumyniýanyň ýygyndysy myhmançylykda geçiren duşuşyklarynda Kipri 3–0, Litwany-da 2–1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. 3-nji toparçada oýnalan 4 duşuşygyň 3-si deňlikde tamamlandy. Belarus bilen golsuz deňme-deň oýnan Demirgazyk Irlandiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Bolgariýanyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi. Gollaryň 3-sini Aýzaak Praýs öz adyna ýazdyrdy. 4-nji toparçada myhmançylykda oýnan oýunlarynda Latwiýany 3–0, Ermenistany-da 2–0 hasaplar bilen ýeňen Demirgazyk Makedoniýanyň ýygyndysy utugyny 10-a ýetirdi.

## «A» LIGA

| Or. | «A1» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTUGALIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 7-3 | 10 |
| 2 | HORWATIÝA | 4 | 2 | 1 | 1 | 7-6 | 7 |
| 3 | POLŞA | 4 | 1 | 1 | 2 | 7-9 | 4 |
| 4 | ŞOTLANDIÝA | 4 | 0 | 1 | 3 | 4-7 | 1 |

Horwatiýa—Şotlandiýa: 2-1, Polşa—Portugaliýa: 1-3, Polşa—Horwatiýa: 3-3, Şotlandiýa—Portugaliýa: 0–0

| Or. | «A2» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ITALIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 11-5 | 10 |
| 2 | FRANSIÝA | 4 | 3 | 0 | 1 | 9-5 | 9 |
| 3 | BELGIÝA | 4 | 1 | 1 | 2 | 6-7 | 4 |
| 4 | YSRAÝYL | 4 | 0 | 0 | 4 | 4-13 | 0 |

Italiýa—Belgiýa: 2–2, Ysraýyl—Fransiýa: 1–4; Belgiýa—Fransiýa: 1–2, Italiýa—Ysraýyl: 4–1

| Or. | «A3» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GERMANIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 10-3 | 10 |
| 2 | NIDERLANDLAR | 4 | 1 | 2 | 1 | 8-6 | 5 |
| 3 | WENGRIÝA | 4 | 1 | 2 | 1 | 3-6 | 5 |
| 4 | BOSNIÝA | 4 | 0 | 1 | 3 | 3-9 | 1 |

Bosniýa—Germaniýa: 1–2, Wengriýa—Niderlandlar: 1–1; Bosniýa—Wengriýa: 0–2, Germaniýa—Niderlandlar: 1–0

| Or. | «A4» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ISPANIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 8-1 | 10 |
| 2 | DANIÝA | 4 | 2 | 1 | 1 | 6-3 | 7 |
| 3 | SERBIÝA | 4 | 1 | 1 | 2 | 2-5 | 4 |
| 4 | ŞWEÝSARIÝA | 4 | 0 | 1 | 3 | 3-10 | 1 |

Serbiýa—Şweýsariýa: 2–0, Ispaniýa—Daniýa: 1–0; Ispaniýa—Serbiýa: 3–0, Şweýsariýa—Daniýa: 2–2

## «B» LIGA

| Or. | «B1» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ÇEHIÝA | 4 | 2 | 1 | 1 | 7-7 | 7 |
| 2 | GRUZIÝA | 4 | 2 | 0 | 2 | 5-3 | 6 |
| 3 | ALBANIÝA | 4 | 2 | 0 | 2 | 3-4 | 6 |
| 4 | UKRAINA | 4 | 1 | 1 | 2 | 5-6 | 4 |

Çehiýa—Albaniýa: 2–0, Ukraina—Gruziýa: 1–0; Gruziýa—Albaniýa: 0–1, Ukraina—Çehiýa: 1–1

| Or. | «B2» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GRESIÝA | 4 | 4 | 0 | 0 | 9-1 | 12 |
| 2 | ANGLIÝA | 4 | 3 | 0 | 1 | 8-3 | 9 |
| 3 | IRLANDIÝA | 4 | 1 | 0 | 3 | 2-7 | 3 |
| 4 | FINLÝANDIÝA | 4 | 0 | 0 | 4 | 2-10 | 0 |

Angliýa—Gresiýa: 1–2, Finlýandiýa—Irlandiýa: 1–2; Finlýandiýa—Angliýa: 1–3, Gresiýa—Irlandiýa: 2–0

| Or. | «B3» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NORWEGIÝA | 4 | 2 | 1 | 1 | 6-6 | 7 |
| 2 | AWSTRIÝA | 4 | 2 | 1 | 1 | 11-4 | 7 |
| 3 | SLOWENIÝA | 4 | 2 | 1 | 1 | 5-4 | 7 |
| 4 | GAZAGYSTAN | 4 | 0 | 1 | 3 | 0-8 | 1 |

Awstriýa—Gazagystan: 4–0, Norwegiýa— Sloweniýa: 3–1; Gazagystan—Sloweniýa: 0–1, Awstriýa—Norwegiýa: 5–1

| Or. | «B4» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | TÜRKIÝE | 4 | 3 | 1 | 0 | 8-3 | 10 |
| 2 | UELS | 4 | 2 | 2 | 0 | 5-3 | 8 |
| 3 | ISLANDIÝA | 4 | 1 | 1 | 2 | 7-9 | 4 |
| 4 | GARADAG | 4 | 0 | 0 | 4 | 1-6 | 0 |

Islandiýa—Uels: 2–2, Türkiýe—Garadag: 1–0; Uels—Garadag: 1–0, Islandiýa—Türkiýe: 2–4

## «C» LIGA

| Or. | «C1» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŞWESIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 11-3 | 10 |
| 2 | SLOWAKIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 8-3 | 10 |
| 3 | ESTONIÝA | 4 | 1 | 0 | 3 | 3-8 | 3 |
| 4 | AZERBAÝJAN | 4 | 0 | 0 | 4 | 3-11 | 0 |

Estoniýa—Azerbaýjan: 3–1, Slowakiýa—Şwesiýa: 2–2; Azerbaýjan—Slowakiýa: 1–3, Estoniýa—Şwesiýa: 0–3

| Or. | «C2» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | RUMYNIÝA | 4 | 4 | 0 | 0 | 11--2 | 12 |
| 2 | KOSOWO | 4 | 3 | 0 | 1 | 9--4 | 9 |
| 3 | KIPR | 4 | 1 | 0 | 3 | 1--10 | 3 |
| 4 | LITWA | 4 | 0 | 0 | 4 | 3--8 | 0 |

Litwa—Kosowo: 1–2, Kipr—Rumyniýa: 0–3; Kosowo—Kipr: 3–0, Litwa— Rumyniýa: 1–2

| Or. | «C3» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | D. IRLANDIÝA | 4 | 2 | 1 | 1 | 7-1 | 7 |
| 2 | BELARUS | 4 | 1 | 3 | 0 | 2-1 | 6 |
| 3 | BOLGARIÝA | 4 | 1 | 2 | 1 | 1-5 | 5 |
| 4 | LÝUKSEMBURG | 4 | 0 | 2 | 2 | 1-4 | 2 |

Bolgariýa—Lýuksemburg: 0–0, Belarus—D. Irlandiýa: 0–0; Belarus—Lýuksemburg: 1-1, D. Irlandiýa—Bolgariýa: 5–0

| Or. | «C4» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | D. MAKEDONIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 8--1 | 10 |
| 2 | ERMENISTAN | 4 | 1 | 1 | 2 | 6--7 | 4 |
| 3 | LATWIÝA | 4 | 1 | 1 | 2 | 3--8 | 4 |
| 4 | FARER ADA. | 4 | 0 | 3 | 1 | 4--5 | 3 |

Latwiýa—D. Makedoniýa: 0–3, Farer adalary—Ermenistan: 2–2; Ermenistan—D. Makedoniýa: 0–2, Farer adalary—Latwiýa: 1–1

## «D» LIGA

| Or. | «D1» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GIBRALTAR | 3 | 1 | 2 | 0 | 3--2 | 5 |
| 2 | SAN MARINO | 2 | 1 | 0 | 1 | 1--1 | 3 |
| 3 | LIHTENŞTEÝN | 3 | 0 | 2 | 1 | 2--3 | 2 |

Gibraltar—San Marino: 1–0; Lihtenşteýn—Gibraltar: 0–0

| Or. | «D2» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MOLDOWA | 3 | 2 | 0 | 1 | 4--1 | 6 |
| 2 | MALTA | 3 | 2 | 0 | 1 | 2--2 | 6 |
| 3 | ANDORRA | 2 | 0 | 0 | 2 | 0--3 | 0 |

Moldowa—Andorra: 2–0; Malta—Andorra: 1–0





# Pep we onuň şägirtleri

Häzirki wagtda dünýäniň iň ökde tälimçisi kim diýlip soralanda, köpler ispaniýaly Pep Guardiolanyň adyny agzarlar. Ançelotti, Klopp, Mourinio ýa-da başga biri diýenler hem tapylar. Ýöne taraply-tarapsyz köpler ispaniýaly hünärmeni saýlasalar gerek. Häzirki wagtda Guardiolanyň dünýä futbolynda täsiri diýseň uludyr.

Katalon tälimçiniň futbolçylyk ýyllary tälimçiligindäki ýaly ýokary derejeli däldi. Ortatap futbolçydanam has öňräkde bolan Guardiolanyň 2007-nji ýylda «Barselonanyň» B toparynda başlan tälimçilik ýolunda gazanmadyk kubogy ýok diýen ýaly. 70-nji ýyllardaky Ýohan Kroýffly «Aýaksyň» «total futbol» taktikasy bilen başlanan «tiki-taka» futbolyny çür depä ýetiren Guardiolanyň tälimçilige başlan ýylyndan bäri çempionlyk gazanmadyk ýyllarynyň sany bir eliň barmaklarynyň sanyna-da ýetenok. 53 ýaşyndaky tälimçi diňe 3 ýyl çempionlyk gazanyp bilmedi. «Barselonada» 3, «Bawariýada» 3, «Mançester Sitide» 6 gezek çempionlyk gazanan 53 ýaşyndaky tälimçiniň diňe öz tälim berýän klubuna däl, eýsem, beýleki klublara-da uly kömegi degýär. Nädipmi? Geliň, bilelikde ser salalyň!

Häzirki wagtda gönümel alanyňda Guardioladan tälim alan 6-7 tälimçi bolup, olar Ýewropanyň öňdebaryjy klublaryny türgenleşdirip ýörler. Ýagny Guardiolanyň şägirtleri yklymda birnäçe uly kluba tälim berýärler. Olaryň käbirleri gönümel özüniň kömekçisi bolup işlän bolsa, käbirleri onuň oýunçysy hökmünde şägirdi hasaplanýar.

Angliýanyň «Premier Ligasynda» soňky 4 ýylyň çempiony «Mançester Sitiniň» iň esasy 3 bäsdeşiniň tälimçileri belli-belli döwürlerde Guardiolanyň iň esasy kömekçisi, assistenti bolup işläpdiler. Londonyň «Arsenalynyň» ispaniýaly tälimçisi Mikel Arteta 2016–2019-njy ýyllar aralygynda Guardiolanyň ýanynda, ätiýaçlyk oturgyjynda onuň bilen bile oturyp, «Sitiniň» başarnygy üçin bilelikde tagalla baryny edipdiler. «Arsenal» kluby tarapyndan ýörite ugradylan Arteta 2019-njy ýyldan bäri topçulara tälim berip gelýär. Entek oňa halypasyndan ozmak başartmasa-da, soňky 2 möwsümden bäri «Mançester Sitiniň» çempionlyk ýolundaky iň uly bäsdeşi. Guardiolanyň watandaşyny entek çempionlyga ýetip bilmese-de, gowy taýýarlandygyny görmek bolýar. Belki şu möwsümde şägirdiň halypadan ozduraýmagy hem mümkin.




Guardiolanyň ýene bir şägirdi, şu günki gün onuň gönümel bäsdeşi bolup, ol Londonyň başga bir topary «Çelsiniň» baş tälimçisi, italiýaly Enzo Mareskadyr. 2020/21 möwsüminde «Mançester Sitiniň» rezerw toparynyň tälimçisi bolan Mareska 2022/23 möwsüminde Pepiň assistenti bolup işleýär. Geçen möwsümde «Lester Sitini» çempion eden 44 ýaşyndaky Mareska bu gezek «Çelsiniň» başynda gönümel halypasyna garşy çempionlyk ugrunda ýiti göreş alyp barýar. Italiýaly hünärmeniň ýolbaşçylygynda özüni dürsän «Çelsiniň» täze tälimçisi Mareska: – Biz «Mançester Siti» bilen bäsleşip bilmeris – diýse-de, şu möwsümde halypasynyň çempionlygyna elinden gelen päsgelçiligi berjege meňzeýär.

Pepiň ýene bir şägirdi, olam «Premier Ligada» soňky ýyllarda şowsuz möwsümleri başdan geçirýän «Mançester Ýunaýtediň» tälimçisi Erik ten Hagdyr. Niderland tälimçi Guardiola «Bawariýada» işlän döwründe 2013-2015-nji ýyllarda nemes klubunyň rezerw toparynyň tälimçisidi. Häzirki wagtda Erik ten Hag onuň «Premier Ligada» çempionlyk ýaryşynda iň az päsgel berýän şägirdi diýip bellesek bolar.



Beýleki çempionatlara-da ser salsak, Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-iň öňdebaryjy topary PSŽ-niň tälimçisi Luiz Enrike watandaşy Pepden 1 ýaş uly hem bolsa, ol 2008-2011-nji ýyllar aralygynda, ýagny Guardiolanyň «Barselona» tälim berýän ýyllarynda klubuň «B» toparynyň tälimçisidi. Ýagny onuňam tälimçilik karýerasynda Guardioladan öwrenen zadynyň az däldigine Enrikeniň «Barselonada» işlän döwürlerinde sözüň doly manysynda şaýat bolupdyk.

«Bundesligada» geçen möwsüm taryhyndaky ilkinji çempionlygyny ýeňlişsiz gazanan «Baýer» toparynyň tälimçisi Çabi Alonso hem Guardiolanyň şägirdi hasaplanýar. Alonsonyň «Bawariýada» oýnan ýyllarynda 2 möwsüm tälimçisi Guardiola bolupdy. Lewerkuzenlileriň ýeňlişsiz çempionlygynda Alonsonyň halypasyndan, şol bir wagtyň özünde beýleki halypalary — Ançelottiden, Mouriniodan, Benitesden, Del Boskeden öwrenen zatlarynyň täsiri köp boldy.

«Bawariýanyň» häzirki ýaş tälimçisi, belgiýaly hünärmen Wensann Kompani «Mançester Sitide» oýnan döwürleriniň 3 ýylynda, 2016-2019-njy ýyllar aralygynda Guardiolanyň şägirdidi. Onuň oýun taktikasy dolulygyna bolmasa-da, Pepden täsirlenen ýerleri az däl.

«Barselonanyň» geçen möwsümdäki tälimçisi, häzirki wagtda hiç bir kluba tälim bermeýän ispaniýaly Hawi Hernandesi hem Pep Guardiolanyň şägirdi hasaplap bolar. Hawi 4 ýyl töweregi Pepiň elinde futbol oýnady. Hawi Pepiň esasy oýun gurujysy bolup çykyş edýärdi.

Bulardan başga-da, ýene biri bar, has dogrusy, bardy. Belki-de ol ady agzalanlardan has ökde hem boljakdy. Ýöne onuň ömri ýetmedi. Ol ispaniýaly Tita Willanowadyr. 2014-nji ýylda 45 ýaşynda düwnük keselinden aradan çykan Willanowa Pepiň «Barselonanyň» B toparyndan bäri assistentidi. Pep «Barselonadan» gaýdanynda onuň ornuna Willanowa bellenilýär. Willanowa halypasynyň (ýaşy ulam bolsa) oýun taktikasyny birkemsiz, hatda kähalatlarda ondanam öňde hasaplap boljak derejede oýnadýan tälimçidi.

Özüniň oýun taktikasy bilen futbol äleminiň soňky ýyllaryna uly goşant goşan Pep Guardiolanyň şägirtleriniň mundan soňam az bolmajakdygyny anyk aýdyp bileris.

# Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklary

Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklarynyň çäginde Günorta Amerika zolagynda nobatdaky 2 tapgyryň oýunlary geçirildi. 9-njy duşuşyklarda 6, 10-njy oýunlarda bolsa 17 gol hasaba alyndy.

Sanawyň lideri Argentina myhmançylykda Wenesuela bilen duşuşdy. Ýagyş sebäpli az-owlak giç başlan duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. Argentinanyň ýygyndysy Messiniň hem çykyş eden oýnunda Otamendiniň 13-nji minutdaky goly bilen 1–0 öňe saýlandy. Ýöne 65-nji minutda Rondon özüniň milli topardaky 45-nji goluny geçirip, hasaby deňledi.

**MESSIDEN 3 GOL, 2 ASIST**

● Argentinanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda öz meýdançasynda Boliwiýany 6-0 hasabynda ýeňip, garşydaşyny derbi-dagyn etdi. Duşuşykdaky gollaryň 5-sine Lionel Messiniň gönümel goşandy bolup, ol duşuşygy 3 gol, 2 asist bilen tamamlady. Super ýyldyz 19-njy, 84-nji we 86-njy minutlarda tapawutlanyp, 43-nji minutda Lautara Martinesiň, 45+3-nji minutda-da Hulian Alwaresiň gollarynyň pasyny berdi. Duşuşykdaky beýleki goly bolsa 69-njy minutda Molinanyň pasyndan soň Tiago Almada öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, Argentina Boliwiýany 6–0 hasabynda ýeňip, sanawyň başyny çekmegini dowam edýär. Niko Paz ilkinji gezek milli ýygyndyda oýnap, ol Messiniň 3-nji golunyň pasyny berdi.



3 gol geçiren Messiniň het-trikleriniň sany 58-e ýetdi. Bu görkeziji boýunça Ronaldodan soň 2-nji ýerde barýan Messi milli toparda 10-njy het-trigini edip, portugaliýaly super ýyldyz bilen deňleşdi. Messi soňky gezegem milli toparda 2021-nji ýylda resmi duşuşykda Boliwiýanyň derwezesinden 3 gol geçiripdi. Şeýle-de, Messiniň milli topardaky gollarynyň sany 112-ä ýetdi. Onuň Ronaldodan 21 goly az.

**BRAZILIÝA 2 OÝUNDA-DA ÝEŇIŞ GAZANDY**

● Braziliýanyň ýygyndysy bolsa myhmançylykda Çili bilen duşuşyp, ýer eýeleriniň 2-nji minutda Wargasyň goly bilen öňe geçendiklerine garamazdan, 2-1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. 4-nji ýeňşini gazanan Braziliýanyň gollaryny her ýarymyň ahyrynda «Botafogo» klubunyň hüjümçileri Igor Hesus (45+1) bilen Luiz Enrike (89) geçirdi. Iki futbolçy-da milli ýygyndydaky ilkinji goluny öz atlaryna ýazdyryp, Igor Hesus 1-nji gezek milli toparda çykyş etdi. Braziliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Perunyň ýygyndysyny 4-0 hasabynda ýeňmegi başardy. Sambaçylara şu saýlama tapgyrynda 2-nji gezek uly hasaply ýeňiş getiren gollaryň 2-sini penaltiden Rafinýa (38, 54), beýlekileri-de Andreas Pereira (71) bilen Luiz Enrike (74) geçirdi.



**8 OÝUNDAN BÄRI ESASY WAGTDA ÝEŇIŞ GAZANMAK BAŞARDANOK**

● Paýtagt Limadaky Milli stadionda Peru bilen Urugwaýyň ýygyndylary duşuşyp, duşuşykda ýer eýeleri soňky minutlarda geçiren goly esasynda ýeňşini baýram etdi. Perunyň ýygyndysyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 88-nji minutda Miguel Arauho geçirdi. Şunlukda, Perunyň ýygyndysy saýlama tapgyryndaky ilkinji ýeňşini gazandy.

Urugwaý bilen Ekwadoryň arasyndaky oýundan gol sesi eşidilmedi. Marselo Bielsanyň tälimçiligindäki Urugwaýyň ýygyndysyna umumylykda 8 oýundan bäri esasy wagtda ýeňiş gazanmak başardanok. Urugwaýyň ýygyndysy saýlama tapgyrynda soňky 4 oýunda 3-nji gezek golsuz deňme-deň oýnady.

Boliwiýa 9-njy oýunlaryň çäginde öz meýdançasynda garaşylmadyk ýagdaýda 2-nji basgançakda barýan Kolumbiýany Terserosyň 58-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1-0 hasabynda utup, 4-nji ýeňşini gazandy. Kolumbiýanyň ýygyndysy bolsa ilkinji gezek ýeňildi. Bu olaryň soňky 32 oýundaky 2-nji ýeňlişidir. Kolumbiýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Çiliniň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. Gollary Sançes, Luiz Diaz, Jon Duran hem-de Sinisterra geçirdi.

Ekwador bilen Paragwaýyň oýnunda hasap açylmady. Paragwaý 10-njy oýunlaryň çäginde öz meýdançasynda Wenesuelany Aramburunyň 25-nji minutda geçiren goly bilen öňe saýlanandygyna garamazdan, 2-1 hasabynda utdy. Paragwaýyň gollarynyň 2-sini hem Toni Sanabriýa geçirdi (59, 74).

Indiki duşuşyklar 14-15-nji hem-de 19-njy noýabrda oýnalar.





**GÜNORTA AMERIKA ZOLAGY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARGENTINA | 10 | 7 | 1 | 2 | 19-5 | 22 |
| 2 | KOLUMBIÝA | 10 | 5 | 4 | 1 | 13-6 | 19 |
| 3 | URUGWAÝ | 10 | 4 | 4 | 2 | 13-6 | 16 |
| 4 | BRAZILIÝA | 10 | 5 | 1 | 4 | 15-9 | 16 |
| 5 | EKWADOR | 10 | 4 | 4 | 2 | 6-4 | 13 |
| 6 | PARAGWAÝ | 10 | 3 | 4 | 3 | 4-4 | 13 |
| 7 | BOLIWIÝA | 10 | 4 | 0 | 6 | 11-21 | 12 |
| 8 | WENESUELA | 10 | 2 | 5 | 3 | 8-10 | 11 |
| 9 | PERU | 10 | 1 | 3 | 6 | 3-14 | 6 |
| 10 | ÇILI | 10 | 1 | 2 | 7 | 5-18 | 5 |

Wenesuela—Argentina: 1–1,
Boliwiýa—Kolumbiýa: 1–0,
Ekwador—Paragwaý: 0–0,
Çili—Braziliýa: 1–2,
Peru—Urugwaý: 1–0;
Kolumbiýa—Çili: 4–0,
Paragwaý—Wenesuela: 2–1,
Urugwaý—Ekwador: 0–0,
Argentina—Boliwiýa: 6–0,
Braziliýa—Peru: 4–0.





# Tuhel Angliýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi

**Angliýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi belli boldy. Germaniýaly Tomas Tuhel Angliýanyň milli ýygyndysynyň tälimçiligine bellenip, ol 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Tuhel özüniň täze wezipesi bilen baglanyşykly:**

**– Angliýanyň milli ýygyndysynyň tälimçiligine laýyk görülmegim meni buýsandyrýar. Bu ýurtda futbola bolan täsin duýgularym bar. Angliýanyň milli ýygyndysynyň wekili bolmagyň özboluşly aýratynlygy bar we ýyldyz oýunçylar bilen bilelikde işleşmek meni tolgundyrýar – diýip, beýanat berdi.**

**51 ýaşyndaky tälimçi geljek ýylyň ilkinji gününden başlap, täze işine girişer. Federasiýa tarapyndan berlen beýanatda Tuheliň ilkinji missiýasy Angliýanyň milli ýygyndysyna Dünýä Kubogyny gazandyrmak bolar. Tuhele angliýaly Antoni Berri ýardam berer. Ol «Çelside» hem-de «Bawariýada» Tuheliň assistenti bolupdy.**

**Tuhel tälimçilik karýerasyna «Augsburg II» (2007-08) toparynda başlap, soňlugy bilen «Maýns» (2009-14), «Borussiýa Dortmund» (2015-17), PSŽ (2018-20), «Çelsi» (2021-22) hem-de «Bawariýa» (2023-24) toparlaryny türgenleşdirdi. Ilkinji gezek milli ýygynda tälim berjek Tuhel «Çelsi» bilen 2021-nji ýylda UEFA Çempionlar Ligasynyň çempiony bolupdy. Tuhel karýerasy boýunça 11 kubok gazandy.**

**Tomas Tuhel Angliýanyň taryhyndaky 3-nji daşary ýurtly tälimçi bolar. Ondan öň şwesiýaly Swen-Goran Eriksson (2001-06) bilen italiýaly Fabio Kapello (2008-12) daşary ýurtly hünärmenler hökmünde Angliýanyň ýygyndysynyň tälimçisi bolupdy. Şeýle-de geçen maý aýynda «Bawariýadan» gaýdan Tuhel bilen «Mançester Ýunaýted» hem içgin gyzyklanýardy.**

**Geçen tomusda Germaniýada geçirilen 17-nji Ýewropa çempionatyndan soň, finalçy Angliýanyň milli ýygyndysynda tälimçi Garet Sautgeýt wezipesini taşlapdy. Ol 8 ýyllap topara tälim berip, 2 gezek yzly-yzyna futbolyň watanynyň milli ýygyndysyny yklym ýaryşynda finala çykarypdy. Ýöne 2 finalda-da – ilki Italiýadan, soňra Ispaniýadan ýeňlipdi. Angliýanyň futbol federasiýasy täze esasy tälimçi tapylýança U21-iň tälimçisi, irlandiýaly Li Karslini wagtlaýynça wezipä belläpdi. Ol 4 duşuşykda 3 gezek ýeňiş gazanyp, 1 sapar hem utuldy. Li Karsli noýabr aýyndaky 2 duşuşykda-da Angliýanyň milli ýygyndysyna tälim berer.**

## IŇ KÖP HAK ALÝAN ÝAŞ FUTBOLÇYLAR

«Capology» platformasynda dünýäde iň köp pul gazanýan ýaş futbolçylaryň sanawy belli boldy. Platforma futbolçylaryň şertnamalarynyň jikme-jik baradaky maglumatlaryny köpçüligiň dykgatyna ýetirdi. Sanaw 19 ýaşly we ondan kiçi futbolçylaryň arasynda düzüldi.

Sanawyň başyny PSŽ-niň fransiýaly ýyldyzy Worren Zair-Emeri çekýär. Onuň parižlilerden ýyllyk alýan haky 8,4 million ýewro deňdir. Möwsümiň başynda «Mançester Ýunaýtede» transfer bolan fransiýaly goragçy Leni Ýoronyň ýyllyk gazanjy 7,1 million ýewro bolup, ol 2-nji ýerde barýar. «Real Madrid» toparynyň türkiýeli ýyldyzy Arda Güler 5,2 million ýewro bilen sanawda 3-nji orny eýeleýär.



«Bawariýadan» fransiýaly Matys Teliň 4-nji bolan sanawynda «Tottenham» toparynyň oýunçysy Arçi Greý 5-nji ýerde orun aldy. «Real Madridiň» täze ýyldyzy, braziliýaly hüjümçi Endrik 4,16 million ýewro bilen sanawa 6-njy bolup goşulmagy başardy.

- **1.** Worren Zair-Emeri (PSŽ) – 8,4 million ýewro
- **2.** Leni Ýoro (Mançester Ýunaýted) – 7,1 million ýewro
- **3.** Arda Güler (Real Madrid) – 5,2 million ýewro
- **4.** Matys Tel (Bawariýa) – 5 million ýewro
- **5.** Arçi Greý (Tottenham) – 4,6 million ýewro
- **6.** Endrik (Real Madrid) – 4,16 million ýewro
- **7.** Pau Kubarsi (Barselona) – 4 million ýewro
- **8.** Witor Roke (Betis) – 3,5 million ýewro
- **9.** Mark Gui (Çelsi) – 3,1 million ýewro
- **10.** Ýussufa Mukoko (Nissa) – 3 million ýewro

# NBA-nyň TÄZE MÖWSÜMI BAŞLANÝAR

Basketbol sportunyň iň esasy we iň uly guramaçylygy hasaplanýan Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-nyň täze möwsümine 23-nji oktýabrda badalga berler. Hemişekiler ýaly 79-njy möwsümde-de 2 konferensiýada 30 klub (hersinde 15) özara bäsleşerler. Adaty möwsümde toparlaryň hersi 84 duşuşyk geçirer we adaty möwsüm geljek ýylda aprel aýynyň 14-ne tamamlanar. Geljek ýylyň 19-njy aprelinde başlanjak pleý-off tapgyry maý-iýun aýlaryna çenli dowam eder. Iýun aýynyň başlarynda bolsa NBA-nyň final duşuşyklary geçirilip, çempion belli bolar.

Bu möwsümde-de edil geçen ýyldaky ýaly ýene-de möwsümiçi ýaryş geçiriler. «Emirates» NBA Kubogy ady bilen geçirilýän ýaryş noýabr-dekabr aýlarynda guralar.

Adaty möwsümdäki 3 duşuşyk ABŞ-nyň çäginden daşda geçiriler. 3-nji noýabrda «Maýami Hit» – «Waşington Wizards» duşuşygy Mehiko Sitide (Meksika), «San Antonio Spars» bilen «Indiana Peýsers» toparlary-da 23-nji we 25-nji ýanwarda Parižde özara 2 duşuşyk oýnarlar.

Täze möwsümde-de soňky çempion «Boston Seltiks», ondan öňki ýylyň ýeňijisi «Denwer Naggets», «Dallas Maweriks», «Maýami Hit» toparlary çempionlygyň esasy dalaşgärleri hökmünde görülýär.



**NBA-nyň ŞÖHRATLYLAR ZALYNYŇ TÄZE AGZALARY**

● NBA-nyň Şöhratlylar zalyna (Hall of Fame) ady goşuljak ýyldyzlar hem belli boldy. Wins Karter, Çaunsi Billaps ýaly ýyldyzlar bilen bir hatarda, NBA-nyň meşhur janköýerlerinden aktýor Jek Nikolson bilen tanymal režissýor Spaýk Liniň atlary hem ýazylar.

Topy özboluşly hereketler bilen basyp halka salmakda meşhurlyk gazanan Wins Karter NBA-da 22 ýyl çykyş etdi. Ol 8 gezek «NBA All Star»-a saýlanyp, 2000-nji ýylda topy basyp salmak bäsleşiginde ýeňiji bolupdy.

NBA-da adyny ýatdan çykmajaklaryň hataryna ýazdyran ýene bir ýyldyz basketbolçy-da Çaunsi Billaps bolup, ol «Detroit Pistons» toparynyň taryhy çempionlygyna öz saldamly goşandyny goşupdy.

Ilkinji gezek janköýerleriň atlary hem Şöhratlylar zalyna goşular. «Los Anjeles Leýkersiň» öz meýdançasynda ähli duşuşygyna diýen ýaly tomaşa edýän oskarly ussat aktýor bilen «Nýu Ýork Niks» toparynyň ölemen janköýerlerinden, tanymal režissýor Spaýk Li NBA-nyň Şöhratlylar zalyna ady goýuljak ilkinji janköýerler bolar.

